Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

A.MANSUROW, D.KARIMOWA

SAZ

5-nji synp üçin derslik

Gaýtadan işlenen 6-njy neşir

Özbegistan Respublikasynyň Halk bilimi ministrligi
tarapyndan hödürlenildi

Gafur Gulam adyndaky
neşirýat-çaphana döredijilik öýi
Daşkent – 2020

http://eduportal.uz

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

UO‘K 372.878(075)
KBK 85.31
M 24

«Özbegistan Respublikasynyň 2002-nji ýyldaky derslikler konkursynyň ýeňijisi»

S y n ý a z a n l a r :

Şermat Ýarmatow – “Bulbulcha” çagalar horunyň çeper ýolbaşçysy, Özbegistanyň halk artisti, professor;

Akmal Utaýew – Özbegistan döwlet Konserwatoriýasynyň ýanyndaky Zehinli çagalar akademik liseýiniň dirižýorlyk predmeti uly mugallymy;

Faýziýewa Feruza – Daşkent şäheriniň Üçdepe tümenindäki 4-nji orta mekdebiň “Saz medeniýeti” mugallymy;

Gülnara Musaýewa – Özbekkonsert döwlet edarasynyň Milli tans we horeografiýa sungatyny ösdürmek bölüminiň başlygy.

E k s p e r t l e r :

Şoira Hakimowa – Daşkent şäheriniň Çilanzar tümenindäki 281-mekdebiň “Saz medeniýeti” mugallymy.

Wasila Gapparowa – Daşkent şäheriniň Üçdepe tümenindäki 203-mekdebiň “Saz medeniýeti” mugallymy.

Eliňizdäki «Saz» dersligi Respublikamyzyň umumy orta bilim berýän mekdepleriň 5-nji synp okuwçylary üçin Döwlet tälim standarty esasynda döredilen. Ondan ýer alan nazary we amaly materiallar hem-de saz we aýdymlar okuwçylary saz sungatynyň käbir žanrlary bilen ýakyndan tanyşdyrýar. Olary milli buýsanç we watanperwerlik duýgulary esasynda terbiýeleýär.

Mansurow A, Karimowa D.

Saz: 5-nji synp üçin derslik. Gaýtadan işlenen 6-njy neşir. – D.: Gafur Gulam adyndaky neşirýat-çaphana döredijilik öýi, 2020. – 96 s.

«Respublikanyň ýörite kitap gaznasynyň serişdeleriniň hasabyndan çap edildi»

UO‘K 372.878(075)
KBK 85.31

ISBN 978-9943-6113-4-4

© Awaz Mansurow, Dildora Karimowa.
© Gafur Gulam adyndaky neşirýat-çaphana döredijilik öýi, 2020

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

SÖZBAŞY

Eziz okuwçylar! 5-nji synp “Saz” dersligindäki temalar arkaly siz özbek we türkmen halk we Ýewropa saz gurallary, sazlary we aýdymlary, tans sungaty, jahan saz medeniýeti dürdäneleri baradaky maglumatlara eýe bolarsyňyz.

Özbegistanymyzda uly işler amala aşyrylýar. Tälim, sport, sungat ugry ösüş gazandy. Ýurdumyza bagyşlanyp döredilen täze eserler, sazlar we aýdymlar bolsa bütin dünýä boýunça ganat ýaýyp, ýaşlarymyzy garaşsyzlyk ruhunda terbiýelemäge hyzmat edýär. Eliňizdäki derslik Watan duýgusyny kalbyňyza siňdirip, aýdym-saz baradaky bilimleriňizi artdyrmaga hyzmat etjekdigine ynanýarys.

Awtorlar

...Saz adamy jadylaýar, ýagşylyga, mähir-şepagata, muhabbete, şirin arzuwlara ündeýär, ýaman ýoldan gaýtarýar, oýlandyrýar, agladýar, güldürýär.

... Saz adamyň durmuşynyň kömekçisi we ýoldaşydyr.

... Saz bizi adamkärçilige çagyrýan ses.

... Sazy ýagtylyga, ýanyp duran çyralara meňzetmek bolar.

Awaz Mansurow

Şertli belgiler:

?! — Soraglar we ýumuşlar;

𝄞 — Saz sowady;

— Synp fonotekasyndan nusga diňläň;

— QR-kod.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

I ÇARÝEK

ORKESTRLER BARADA

1-2-nji dersler. ORKESTRLER. BARADA. ÖZBEK HALK SAZ GURALLARY ORKESTRI WE ONUŇ ÜFLENIP ÇALYNÝAN SAZ GURALLARY TOPARY

O r k e s t r – dürli sazandalar toparlaryndan düzülen topar bolup, görkezilen düzüm üçin döredilen saz eserini ýerine ýetirýär. Hemmämiz bilýän kiçi ansambllardan tapawutlylykda, olarda sazandalaryň sany köp bolup, birnäçe topardan ybarat bolýar. Orkestrler saz gurallarynyň düzümi gurluşyna görä dürlüçe bolýar:

Simfonik orkestr, Üflenip çalynýan saz gurallary orkestri, Kirişli orkestr, Estrada orkestri, Özbek halk saz gurallary orkestri şolara degişlidir.

Ähli halklaryň hem öz saz gurallaryndan düzülen orkestri bolmagynyň mümkindigini nygtamak gerek. Sanap geçilen orkestrlerden daşary düzümi kemeldilen **kamer** (kiçi) orkestrler hem duşýar.

Uzak döwürlerden bäri halkymyzyň arasynda giň ýaýan sazlarymyzdan 1936-njy ýylda birinji halk saz gurallary orkestri düzülen. Saz gurallarymyzdan käbirleri temperasiýa edilip (ýagny, birmeňzeş sazlanyşyna ýakynlaşdyrylyp), uly-kiçi görnüşleri işlenip çykyldy. Bulara uly-kiçi naýlary, uly-kiçi gyjaklary, çeňleri, rubaplary, dutarlary girizmek mümkin.

Beýle orkestr üçin Özbegistanyň kompozitorlary täze eserler döretdiler, halk sazlaryny gaýtadan işlediler, dünýä nusgawy kompozitorlarynyň eserlerini uýgunlaşdyrdylar.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Özbek halk saz gurallary orkestri 5 topardan düzülen bolup, birinjisi üflenip çalynýan saz gurallary toparydyr. Üflenip çalynýan saz gurallary toparyna – naýlar, kiçi naý, goşnaýlar, surnaýlar, ýeri gelende, kerneýler hem girizilýär.

Synp fonotekasyndan «O‘zbek xalq cholg‘ulari orkestri» ýerine ýetirmeginde Saýfi Jeliliň «Kalbimda» we Farhod Alimowyň «Ohista» sazyny diňläň.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ DÖWLET SENASY

(Özbek dilinde)

Sözleri *Abdulla Oripowyňky* Sazy *Mutal Burhanowyňky*

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Serquyosh, hur o‘lkam, elga baxt, najot,
Sen o‘zing do‘stlarga yo‘ldosh, mehribon!
Yashnagay toabad ilm-u fan, ijod,
Shuhrating porlasin toki bor jahon!

N a q a r o t :

Oltin bu vodiylar – jon O‘zbekiston,
Ajdodlar mardona ruhi senga yor!
Ulug‘ xalq qudrati jo‘sh urgan zamon,
Olamni mahliyo aylagan diyor!

Bag‘ri keng o‘zbekning o‘chmas iymoni,
Erkin, yosh avlodlar senga zo‘r qanot!
Istiqlol mash’ali, tinchlik posboni,
Haqsevar, ona yurt, mangu bo‘l obod!

N a q a r o t

Oltin bu vodiylar – jon O‘zbekiston,
Ajdodlar mardona ruhi senga yor!
Ulug‘ xalq qudrati jo‘sh urgan zamon,
Olamni mahliyo aylagan diyor!

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

SAZLY SESLERIŇ DÖREDILIŞI

S e s l e r tebigatda iki hili bolýar: şowhunly sesler we sazly sesler. Jisimleriň kakylmagy ýa-da saz guraly çalynmagy sebäpli howada tolkunlanma emele gelip, daş-töwerege sesler ýaýraýar. Olar anyk belentlige eýe bolan seslere we belentligi näanyk seslere bölünýär.

S a z l y s e s l e r belent-pesligi, uzyn-gysgalygy, tembri we güýji bilen bir-birinden tapawutlanýar. XI asyrdan başlap bütin dünýä sazly sesler derejeleriniň atlandyrylyşy – DO, RE, MI, FA, SOL, LÝA, SI bolup ýaýrandyr. Pianinonyň klawişleriniň böleginde we nota hatarynda görnüşi aşakdaky ýaly:



?! Soraglar we ýumuşlar

1. Orkestr näme we onuň nähili görnüşleri bolýar?
2. Birinji özbek halk saz gurallary orkestri haçan döredilipdi?
3. Özbek halk saz gurallary orkestri näçe topardan ybarat?
4. Üflenip çalynýan saz gurallary toparyna haýsy saz gurallary girýär?
5. Özbegistan Respublikasynyň Döwlet senasyny aýdyp, awtorlaryny gysgaça häsiýetlendirip beriň.
6. Sazly sesleriň döredilişi barada nämeleri bilýärsiňiz?

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

3-nji ders. ÖZBEK HALK SAZ GURALLARY ORKESTRINIŇ KIRIŞLI-KAKMA WE DYRNAP ÇALYNÝAN SAZ GURALLARY TOPARY

Özbek halk saz gurallary orkestriniň kirişli-urma we mizrobli saz gurallary toparlary partitura üflenip çalynýan saz gurallary toparyndan soň aşaky nota hatarlaryny birleşdirip ýerleşdirilýär.

K i r i ş l i - k a k m a saz gurallary toparyna I we II çeňler girýär, aýry-aýry hatarlara ýazylýar.

Sanap geçilen toparlar, saz gurallary ýekelikde we goşulyşyp esasy heňi ýerine ýetirmek bilen birlikde, ýoldaş (2-nji derejeli) heň ýollary we usul-garmoniýa görnüşlerinde goşulyşmagy-da mümkin.

D y r n a p ç a l y n ý a n (mizrobly) saz gurallary topary iň uly topar hasaplanýar. Oňa prima rubaplary, kaşgar rubaplary, owgan rubaplary,

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

dutarlar, dutar-baslar, dutar-kontrabaslar giryär we aýry-aýy hatarlara ýazylýar.

Synp fonotekasyndan «O‘zbek xalq cholg‘ulari orkestri» ýerine ýetirmeginde Farhod Alimowyň «Konsert»inden 3-nji bölegini eserini diňläň.

AZIZ USTOZLAR
(Özbek dilinde)

Sözleri ***Tolkunyňky*** *Sazy* ***Sobir Babaýewiňki***

Mylaýym

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Doim aziz hurmatingiz,
Unutmaymiz mehnatingiz.

N a q a r o t :

Jonajonlar, mehribonlar,
Aziz ustozlar.

Boshimizni siladingiz,
Bizga oq yo‘l tiladingiz.

N a q a r o t

Sizlar bizning baxtimizsiz,
Dillardagi ahdimizsiz.

N a q a r o t

Sizga izzat, sizga hurmat,
Yosh qalblarda bo‘ling har vaqt.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

SAZDA AÇARLAR

Sazda 10 sany açar bar. Olar sazlaryň we adam sesiniň ýaňlanyş belentligini nota geçirmekde ýa-da ýerine ýetirip bermekde uly amatlyklary döredýär. Giň ýaýran, hemme bilmeli bolan açarlar 2 sany – **S k r i p k a** açary we **B a s** açary.

Skripka açary 1-nji oktawadaky «sol» notasyny görkezýär:



?! Soraglar we ýumuşlar

1. Özbek halk saz gurallary orkestriniň kirişli-kakma we dyrnalyp çalynýan saz gurallaryny tapyň.

1.

2.

3.

2. F. Alimowyň “Konsert”ini diňläp, haýsy kakylyp çalynýan saz gurallarynyň ýaňyny aňdyňyz?.
3. Sazda näçe açar bar? Giň ýaýranlary haýsylar?
4. “Aziz ustozlar” aýdymyny bilelikde aýdyp, gowy öwreniň.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

4-nji ders. ÖZBEK HALK SAZ GURALLARY ORKESTRINIŇ KIRIŞLI-KEMANLY SAZ GURALLARY TOPARY

Özbek halk saz gurallary orkestriniň kirişli-kemanly saz gurallary toparyna I, II Gyjaklar, Gyjak – altlar, Gopuz – baslar, Gopuz – kontrabaslar girýär we olar 5 sany nota çyzygyny eýeläp, partituranyň iň aşaky böleginden ýer alýarlar. Sanap geçilen saz gurallary eseriň esasy sazyny – heňini ýerine ýetirmek bilen birlikde ýoldaş heňler we usullar – garmoniýa görnüşlerinde goşulyşmagy-da mümkin.

Synp fonotekasyndan Farhad Alimowyň «Shodiyona» eserini diňläň.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

NOTALARYŇ BAS AÇARYNDA ÝERLEŞIŞI

Bas açary kiçi oktawadaky “fa” notasyny görkezýär:

Ýokary sesleriň ýaňlanyşy skripka açarynda, pes sesleriň ýaňlanyşy bas açarynda ýazylýar:

Do re mi fa sol lýa si do

?! Soraglar we ýumuşlar

1. Özbek halk saz gurallary orkestri nähili topar?
2. Özbek halk saz gurallary orkestriniň kirişli kemanly saz gurallary toparyna nähili sazlar girizilen?
3. Bas açary haýsy oktawadaky “fa” notasyny görkezýär?
4. Bas açary nähili ýazylýar?

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

5-nji ders. ÖZBEK HALK SAZ GURALLARY ORKESTRINIŇ KAKYLYP ÇALYNÝAN SAZ GURALLARY TOPARY

Özbek halk saz gurallary orkestriniň kakylyp çalynýan saz gurallary toparynda dep, negera, kaýrak, şakyrdawuk ýaly özbek halk saz gurallary bilen birlikde Ýewropa saz gurallary – litawralar, baraban, tarelka ýalylary hem duşmak mümkin.

Kompozitorlar we orkestr üçin saza geçiriji hünärmenler partitura-sy ýazylýan eser harakterine, obrazyna garap kakylyp çalynýan saz gurallaryny seçip alýarlar. Meselem: toý suratlandyrylýan eserlerde negera, aýdymlarda dep, horezmçe tansda kaýrak, uýgurça sazda şakyrdawuk ulanylsa gaty ýerlikli bolar. Ýewropa saz gurallary hem ýaňlanýan sazy has-da baýlaşdyrýar.

1. Dep. 2. Gaýrak. 3. Nagara.
4. Safoýyl.

Synp fonotekasyndan "O'zbek xalq cholg'ulari orkestri" ýerine ýetirmeginde Awaz Mansurowyň "Yangra doyra, jarangla!" eserini diňläň.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

OLTIN KUZ QO‘SHIG‘I

(Özbek dilinde)

Sözleri ***Narmurad Narzullaýewiňki*** Sazy ***Awaz Mansurowyňky***

Şadyýan

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



2. Bog‘da ter to‘kar bog‘bon,
Hosilini teradi.
Dalada bobodehqon
G‘allasini o‘radi.

To‘kin bo‘lsa dasturxon,
Kuy-qo‘shiq ham yarashar.
Bulbullar sho‘x g‘azalxon,
Tinch bo‘stonda sayrashar.

N a q a r o t :

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

SAZDA LAD WE TONALLYK DÜŞÜNJELERI

Sazly sesler dürlüçe belent-peslige eýedigini bildiňiz. **Lad** diýip seshatar derejeleriniň özara mälim bir gatnaşyga aýdylýar.

Sazda halk ladlary bilen bir hatarda **“Mažor”** we **“Minor”** diýlip atlandyrylýan ladlar giň ýaýran. Olar dürlüçe häsiýete eýe. Eger mažor lady biraz güýçli, anyk we şähdi açyk bolsa, minor lady tersine, ýuwaş, ýumşak we müýnli seda beryär. **Lad** sazly eseriň häsiýetini kesgitlemekde-de möhüm faktordyr.



Düzülişleri: **Mažor** – 1 ton, 1 ton, 1/2 ton, 1, 1, 1, 1/2 ton
Minor – 1 ton, 1/2 ton, 1, 1, 1/2, 1, 1 ton

Tapawutlandyrmak, esasan, I–III basgançaklaryň aralygynyň tonlarynyň jemine garap kesgitlenýär: mažorda – iki ton, minorda – bir ýarym ton.

Tonallyk diýip mažor ýa-da minor ladyny anyk bir notadan düzülmegine aýdylýar. Meselem: Do mažor, lýa minor, Sol mažor, mi minor we başgalar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

?! Soraglar we ýumuşlar

1. Kakylyp çalynýan saz gurallary toparyna haýsy saz gurallary girýär?
2. F.Alimowyň “Konsert” eserini siňläň, haýsy kakylyp çalynýan saz gurallary ýaňyny aňdyňyz?
3. Sazda lad we tonallyk diýende nämäni düşünýärsiňiz?
4. “Oltin kuz” aýdymyny bilelikde aýdyp, gowy öwreniň.

6-njy ders. SIMFONIK ORKESTR WE ONUŇ KIRIŞLI-KEMANLY SAZ GURALLARY TOPARY

Simfonik orkestr-orkestrleriň görnüşleriniň içinde bütin dünýä giň ýaýranlygy bilen hemmä mälim. Onuň düzümine girýän saz gurallary we ýerine ýetiriliş ugurlary esasan XVIII asyrda şekillenen. Nemes kompozitory – Ý.Gaýdn, W.Mosart, Lýudwig Wan Bethowen, rus kompozitory Pýotr Iliç Çaýkowskiý, özbek kompozitory Mirsadyk Tajiýewler simfonik orkestr üçin ýokary döredijilik nusgalaryny döredip, simfoniýa, konsert, poema, uwertýura ýaly žanrlardaky eserleri ýazyp galdyrdylar. Bu orkestr üçin ençeme täze nesil kompozitorlary hem göreldeli eserleri döredip gelýärler.

Simfonik orkestrde saz gurallary 4 topara bölünýär we partiturada ýokardan pese aşakdaky ýaly ýerleşýär:

– üflenip çalynýan agaç sazly gurallary;
– üflenip çalynýan mis saz gurallary;
– urma-kakylýan saz gurallary;
– kirişli-kemanly saz gurallary.

Kirişli-kemanly saz gurallary topary – orkestriň iň esasy topary hasaplanýar. Bu topara I, II skripkalar, alt, wiolonçel, kontrabaslar girýär we olar 5 nota hatarlaryny eýeläp, partituralaryň iň peski böleginden ýer alýar. Sanap geçilen saz gurallary eseriň esasy heň ýollaryny ýerine ýetirmek bilen birlikde ýoldaş heňler we usul-garmoniýa görnüşlerinde goşulyşmagy-da mümkin.

Synp fonotekasyndan W. Mosartyň “40-simfoniya”syny diňläň.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Skripka Alt Wiolonçel Kontrabas

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

SAZDA DINAMIKI BELGILER

Saz-heň, aýdymlar ýerine ýetiriliş ýakymly bolmagy ýa-da käbir sazly obrazyň täsirini baýlaşdyryp, diňleýjilere eşitdirmek üçin sazda dinamiki belgiler ulanylýar. Ses nähili giňeldilýändigini görkezýän, italýançadan alnan bu belgileriň atlandyrylyşyny we manysyny bütin dünýä sazlary birmeňzeş düşünýärler.

Eziz okuwçylar ! Öňki synplarda dinamiki belgilerden **p, f** *bilen tanşypdyňyz, indi bolsa şu belgilerden galanlaryny öwrenýäris.*

Dinamiki belgiler aşakdaky ýaly ýazylýar we aýdylýar:

p (piano) – güýçsüz, ýuwaşja;
pp (pianissimo) – gaty güýçsüz;
mp (metso piano) – güýçsüzräk;
f (forte) – güýçli, gaty;
ff (fortissimo) – örän güýçli;
mf (metse forte) – güýçlüräk;

(crishchendo) – barha güýçlendirmek, gysga italýança ýazylyşy – “cresc”;

(diminuendo) – barha güýçsüzlendirmek, gysga italýança ýazylyşy – “dim”.

?! Soraglar we ýumuşlar

1. Simfonik orkestr we onuň düzümine girýän saz gurallary toparlary barada aýdyp beriň.
2. Simfonik orkestr üçin ýazylýan eserler žanrlaryny bilýärsiňizmi?
3. Haýsy kompozitorlar simfonik orkestr üçin ýokary döredijilik nusgalaryny döredipdirler?
4. Kirişli-kemanly saz gurallary topary haýsy saz gurallaryndan düzülen?
5. “Oltin kuz” aýdymyny labyzly aýdyp beriň.
6. Sazda duşýan dinamiki belgileri gürrüň edip, düşündirip beriň.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

7-8-nji dersler. SIMFONIK ORKESTRIŇ ÜFLENIP ÇALYNÝAN AGAÇ WE MIS SAZ GURALLARY TOPARY

Dünýäde üflenip çalynýan saz gurallarynyň görnüşi köp. Simfonik orkestre girizilen şeýle saz gurallary iki görnüşe – a g a ç we m i s üflenip çalynýan saz gurallaryna bölünýär.

Üflenip çalynýan agaç saz gurallary toparyna fleýtalar, goboýlar, klarnetler we fagotlar girýär. Bu toparyň ýerine ýetirmegi üçin saz partituranyň iň ýokardaky nota ýollaryna ýazylýar.

Üflenip çalynýan mis saz gurallary toparyna waltornalar (köplenç 4 sany), trubalar (2 sany), trombonlar (3) we tuba (1) girýär.

Synp fonotekasyndan F. Mendelsonyň "To'y marshi"ny diňläň.

Fleýta

Goboý

Klarnet

Fagot

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Truba

Tuba

Trombon

Waltorna

BOLALARNING KO‘ZLARI

(Özbek dilinde)

Sözleri *Kambar Ata*nyňky Sazy *Muhammet Atajanowyňky*

Allegro



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Dunyoda eng sof, tiniq,
Nurlar ichra eng yoniq.
Ko‘rar ravshan va aniq,
Bolalarning ko‘zlari.

N a q a r o t :

Issiqdir yulduzlari,
Naqsh olmaday yuzlari.
Yolg‘on aytmas so‘zlarni
Bolalarning ko‘zlari.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Vatanim deb charaqlar,
Xalq baxtidan yaraqlar.
Doim do‘stni so‘roqlar
Bolalarning ko‘zlari.

N a q a r o t :

Tinchlik bo‘lsin mustahkam,
G‘am ko‘rmasin biron dam.
Yashnab kulsin chinakam
Bolalarning ko‘zlari.

NOTA SÜÝNMELERINI UZALDÝAN BELGILER.

Nokatly nota

Heňleriň reňbe-reň çykmagy üçin kompozitorlar aşakdaky käbir notalar süýnmesini «nokatlar» kömeginde uzaldylýar.

N o k a t l a r (·) kömeginde nota deň ýarpa uzalýar; ýene-de düşnükli bolar ýaly sanlar bilen görkezmek hem mümkin:

𝅝(4 çärýek) — 𝅝. (6 çärýek) = 4+2=6
𝅗𝅥 (2 çärýek) — 𝅗𝅥. (3 çärýek) = 2+ 1= 3
♩ (1 çärýek) — ♩. (3 sekizlik çärýek) = 1+0,5 = 1,5

♩. = ♩+♪ = ♩♪ 𝅗𝅥. = 𝅗𝅥 + ♩ = 𝅗𝅥♩

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

?! **Soraglar we ýumuşlar**

1. Simfonik orkestriň düzümine girýän üflenip çalynýan agaç we mis saz gurallary toparlaryna haýsy sazlar girýär.
2. F. Mendelsonyň “To‘y marshi”ndan deňlenen parçada nähili üflenip çalynýan saz gurallarynyň ýaňy ýaýraýar?
3. Nokatly nota näme?

9-njy ders. SIMFONIK ORKESTRIŇ KAKYLYP ÇALYNÝAN SAZ GURALLARY TOPARY

Simfonik orkestriň kakylyp çalynýan saz gurallary toparynda 20-den artyk bütin dünýä ýaýran urma-kakylyp çalynýan saz gurallary ulanylmagy mümkin. Ýöne litawralar, baraban, tarelka ýaly saz gurallary hemişe ulanylýar.

Sazyň özbeklere mahsus ýaňlanmagy üçin Özbegistanyň kompozitorlary nagara we depleri ussatlyk bilen ulanyşlary gulagymyza siňip gidendir. Bu heňlerde özgeçe joşgunlyk bar.

Barabanlar

Tarelkalar

Litawralar

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Synp fonotekasyndan Awaz Mansurowyň “Navro‘z bayramiga!” uwertýurasyny diňläň.

CHUMOLI

(Özbek dilinde)

Sözleri *R.Ishakowyňky* Sazy *Alyşir Rasulowyňky*

Şadyýan



Naqarot:

Chumoli, chumoli –
Charchash nima bilmaydi.
Chumoli, chumoli –
Mehnat qilib tinmaydi.

Don yig‘ib tolmas ishdan –
Chumoli, chumoli.
Muhtoj bo‘lmaydi qishda –
Chumoli, chumoli.
Hurmatlashar bir-birin,
Halollik noni shirin.

Ish zavqin sezar bari –
Chumoli, chumoli.
Birlashib o‘zar bari –
Chumoli, chumoli.
Hurmatlashar bir-birin,
Halollik noni shirin.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

LIGA

Liga hem nota süýnmelerini uzaldýan belgilere giryär. Onuň kömeginde nota süýnmesini islendikçe uzaltmak bolýar.

Şeýle ýagdaýlarda nota sesini 1 demde aýtmak ýa-da käbir saz guralynda üznüksiz ýerine ýetirip durmaly.

?! Soraglar we ýumuşlar

1. Simfonik orkestriň kakylyp çalynýan saz gurallary toparynda näçe saz guraly ulanylmagy mümkin? Hemişe ulanylýanlary haýsylar?
2. Simfonik saz has-da özbekçe ýaňlanmagy üçin nagara we dep ulanylmagyna nähili garaýarsyňyz?
3. Awaz Mansurowyň «Navro‘z bayramiga!» uwertýurasyny diňläp, alan täsirleriňiz barada aýdyp beriň.
4. «Chumoli» aýdymynyň awtorlary kimler?
5. “Liga” diýende nämäni düşünýärsiňiz?

BERKITMEK ÜÇIN ÝUMUŞLAR
I ÇARÝEK

1. Özbek halk saz gurallary orkestriniň kakylyp çalynýan saz gurallary toparyny tapyň.

a)

b)

d)

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

2. Simfonik orkestriň üflenip çalynýan agaç saz guralyny tapyň.

a) b) d)

3. Bas açaryndaky Do notasyny anyklaň.

a) b) d)

4. Skripka açaryndaky Do notasyny anyklaň.

a) b) d)

5. Dinamiki belgileriň atlaryny anyklaň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

II ÇARÝEK

HOR SUNGATY. SAZDA WOKAL-SIMFONIK ŽANRLAR

1–2-nji dersler. HOR SUNGATY. HOR TOPARLARYNYŇ GURLUŞY WE GÖRNÜŞLERI

Saz medeniýetinde hor sungaty uly ähmiýete eýe. ***Hor – köp sesde aýdym aýdýan uly topardtr.*** Hor sözüni iki hili manyda düşünmek mümkin. Birinjisi – ýerine ýetiriji topar bolsa, ikinçisi – hor toparynyň ýerine ýetirişine niýetlenip ýazylan saz eseri. Hora gatnaşyjylaryň sany 20–30 sanydan başlap, kä halatlarda 1000 we ondan artyk adam bolmagy-da mümkin. Saz gurallarynyň ýerine ýetirmeginde köp sesli sazy diňlänimiz ýaly, hor arkaly hem iki, üç we ondan artyk sesli eserleri ýerine ýetirmegi we diňlemegi öwrenipdik.

Hor toparlary hem kadalara laýyklykda birnäçe görnüşe bölünýär. Diňe çagalardan düzülen hor – *çagalar hory*, aýal-gyzlardan düzülen hor – *aýal-gyzlar hory,* erkeklerden düzülen hor – *erkekler hory* diýlip atlandyrylýar. Erkekler we aýal-gyzlardan düzülen hora *garyşyk hor* diýilýär. Çagalar hory garyşyk horda-da gatnaşmagy mümkin.

Horda 4 hili ses bar: çagalara we aýal-gyzlara mahsus bolan ses – ***soprano*** we ***alt*** diýilýär. Erkeklere mahsus bolan – ***tenor*** we ***bas*** deyiladi. Sanap geçilen seslerdäki her bir aýdym aýdyjy diňe öz wezipesini düşünmek bilen dogry ýerine ýetirende horuň kämil, ýakymly we çeper obrazly eşidilmegine mümkinçilik döredilýär.

Hora gatnaşyjylaryň sanyna garap ***kamer hory, uly hor, ýygyndy hor*** diýlip atlandyrylýar.

Hor toparlary hor eserini orkestr ýa-da saz gurallarynyň goşulyşmagynda ýerine ýetirýärler. Saz gurallary goşulyşmazdan, diňe öz seslerinde aýdym aýdýän hor toparyna ***capella*** diýilýär. Kapella ýerine ýetirilişi üçin ýazylan hor eseri ***a capella*** diýlip atlandyrylýar.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Hor toparlarynyň sahna çykmagy, şowhunsyz ýerleşişi we çykyp gidişini dersiň dowamynda okuwçylaryň kömeginde amalda görkezip bermek mümkin:

Sahna çykylanda ilki 1-nji hatar çykyp ýerleşýär, soň galan hatarlar ýerleşýäri

Sahnadan çykyp gidilende 1-nji hatar bir ädim öňe süýşüp, galan hatarlaryň tertip bilen çykyp gitmegine garaşýar. Muňa– sahna medeniýeti diýilýär.

Synp fonotekasyndan Naira Şarafiýewanyň "Childirma chola" aýdymyny diňläň.

YOMG'IR YOG'ALOQ

(Özbek dilinde)

Sözleri *F.Şohysmaýylyňky*, Sazy *B.Umidjanowyňky*

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

3 – Saz, 5-nji synp.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

FERMATA

Fermata[1] nota we pauzalaryň uzynlyk mukdaryny 1,5-2 essä çenli süýndirmek üçin ulanylýan ýörite belgi. Ol ⌒ ýa-da ⌣ şekilde bolup notalaryň we pauzalaryň üstüne ýa-da astyna goýulýar.



Fermatanyň uzynlygy eseriň çeper manysyna we umumy häsiýetine bagly bolýar. Fermatalar özbek milli uly aýdymlarynda-da köp ulanylýar.

?! Soraglar we ýumuşlar

1. Hor diýende nämäni düşünýärsiňiz we nähili hor görnüşlerini bilýärsiňiz?
2. “Tenor” we “Bas” sesleri kimlere mahsus?
3. Naira Şarafiýewanyň “Childirma chola” aýdymynda nähili sesleri diňlediňiz?
4. Fermata diýende nämäni düşünýärsiňiz?

3-4-nji dersler. HORDA ÝERINE ÝETIRMEK ÜÇIN HALK AÝDYMLARYNY KYBAPLAŞDYRMAK

Professional kompozitorlar hor üçin original eserler döretmek bilen birlikde halk aýdymlaryny hem köp sesli edip hora kybaplaşdyrylan. XX asyryň 50-nji ýyllaryndan başlap Mutal Burhanowyň sazsyz horlary nusga derejesinde abraý gazanypdyr. Bu babatda onuň “Yorlarim”, “Endi sendek”, “Bibigul”, “Sari ko‘hi baland” ýaly eserlerini sanap geçmek bolýar.

Soňluk bilen M. Burhanowa egindeş bolup ençeme kompozitorlar halk aýdymlaryny hor üçin kybaplaşdyrdylar. Bulara Sabir Babaýewiň “Chaman ichra”, Ikram Akbarowyň “Qoyilman”, Batyr Umidjanowyň “Qilpillama”, Şermat Ýarmatowyň “Boychechak”, “Chittigul”, “Qari chumchuq chaqimchi”, Mustafo Bafoýewiň “Mavrigi” ýaly eserlerini mysal getirmek mümkin.

[1] fermata (*ital.*) – togtamak, säginmek.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Synp fonotekasyndan Mutal Burhanowyň saz gurallary goşulyşmazdan hora laýyklan “Yorlarim” eserini diňläň.

BOYCHECHAK
Özbek halk aýdymy
(Özbek dilinde)

Şermat Ýarmatowyň
çagalar hory üçin niýetlenen



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

3. Boychechakni tutdilar,
Simyog‘ochga osdilar,
Qilich bilan chopdilar,
Baxmal bilan yopdilar.

Naqarot:

Qattiq yerdan qatalab
chiqqan boychechak,
Yumshoq yerdan yumalab
chiqqan boychechak.

RITM (USULLAR)

Ritm – bu belli bir heňiş sazly sesleriniň uzyn-gysga bolup çalşyp durmagydyr. Islendik sazyň ýa-da aýdym heňiniň öz ritmi bar. Meselem, hemmämiz gowy bilýän “Chamandagul” halk aýdymynyň ritmi aşakdaky ýalydyr:

Özbek sazlarynyň we tanslarynyň, aýratynam, depimiziň usullary reňbe-reň we çylşyrymlydyr.

?! Soraglar we ýumuşlar

1. Halk aýdymlaryny hor üçin laýyklan haýsy kompozitorlary bilýärsiňiz? Eserlerini sanap geçiň.
2. Berlen ýumuşlardaky ölçegi aýdyň.

3. “Boychechak” aýdymyny kim hor üçin laýyklapdyr?

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

5-nji ders. SAZDA WOKAL-SIMFONIK ŽANRLAR

Saz sungatynda žanrlaryň köplügini gowy bilýärsiňiz we sanap berip bilýärsiňiz. **W o k a l - s i m f o n i k** žanrlar hem giň ýaýran.

“Wokal-simfonik” diýende nämäni düşünmeli?

“Wokal” – bu aýdym aýtmagy aňlatsa, “simfonik” diýeni – simfonik orkestriň goşulyşmagyny aňladýar. Aýdym ýekelikde-de, hor hem aýtmagy mümkin. Şeýle görnüşde döredilip, ýerine ýetirilýän eserleriň žanrlaryny anyk bellemek mümkin. Bular wokal- simfonik sýuita, poema, kasynda, kantata ýa-da oratoriýalara bölünýär.

Synp fonotekasyndan M. Bafoýewiň “Buxoroyi sharif” tele-opera dessanyndan parçalar diňläň

O‘ZBEKISTONIM

(Özbek dilinde)

Sözleri *F.Şaysmaýylyňky*, Sazy *Ş.Ramazanowyňky*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Tog‘laringda kon –
Ma’danga makon,
Senga fido jon,
Gullagin, O‘zbekiston!

Sen ona yurtim,
Durdona yurtim,
Mardona yurtim –
Gullagin, O‘zbekistonim!

N a q a r o t :

Paxtang kabi oq,
Iqboling porloq,
Sharq uzra mayoq,
Paxtakor, O‘zbekistonim!

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

PARTITURALAR WE KLAWIRLER

Islendik saz heňi eser hökmünde nota düşürilmek bilen, onuň görnüşi partitura ýa-da klawir şeklinde bolýar.

P a r t i t u r a – ansambl, hor, orkestr üçin ýazylan eserleriň nota ýazuwydyr. Şeýle toparlaryň her bir gatnaşyjysy bilelikde ýerine ýetirýän heň ýollary, partiturada kadalar boýunça ast-üst edip köp hatarly mahsus nota depderine ýerleşdirilen bolýar.

Klawir bolsa şu ansambl, hor, orkestr ýa-da sahna eserleriniň sazyny ykjam edip, sesli we fortepianoda ýerine ýetirmek üçin niýetlenip ýazylan nota depderindäki ýa-da toplumlarda çap edilen görnüşidir.



?! Soraglar we ýumuşlar

1. “Vokal simfonik” žanr näme?
2. Diňlenen “Buxoroyi sharif” eserinde siz nähili wokal sesleri anykladyňyz?
3. Partiturada nähili kadalar bar we nähili ýerleşdirilýär?

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

6-7-nji dersler. KASYDA ŽANRY. KANTATALAR WE ORATORIÝALAR

Çeper söz ussasy, ýekelikde aýdym aýdýanlar, hor we orkestr üçin döredilen eserlerde haýsy-da bolsa bir beýik şahs beýgeldilse ýa-da Watany wasp edip, joşup aýdylsa, olary Kasyda žanrynda ýazylan, diýip bellemek mümkin. Kompozitor we şahyr hyzmatdaşlykda döredijilek täze eser librettosyny, ýagny temany doly açyp berýän sözleri we goşgy teksti öňünden ylalaşyp ýazýarlar. Soň kompozitor bu libretto esasynda bitewi saz eseri – **k a s y d a** döretmäge girişýär. Kasydalar köpräk baýramlarda we dabaralarda ýerine ýetirilýär.

Wokal-simfonik saz ýönelişinde **k a n t a t a** žanry hem giň ýaýran. Bu žanrda döredilen eserlerde häzirki döwür, täze taryhyň möhüm wakalary görkezilýär. Kantatalar dabaraly, lirik we epik häsiýetde ýazylyp, birnäçe bölekden ybarat bolmagy mümkin. Gutarnykly mana eýe böleklerini aýry-aýry ýerine ýetirmek hem bolýar.

Oratoriýa wokal-simfonik sazyň iň iri žanry bolup, adatda, dramatik temada ýazylýar. Dramatik wakalar sözde we sazda duýlup dursa-da, ýekelikde aýdym aýdýanlar we hor sahnada hereket etmeýär. Oratoriýanyň kantatadan tapawudy onuň göwrümi taýyndan ululygy, epik-dramatik harakterde bolmagy we temasynyň giňligindedir.

Synp fonotekasyndan Gafur Kadirowyň "Maktabjon – oftobjon" kantatasyndan bölekler, M. Burhanowyň A. Oripowyň goşgy librettosyna ýazan "Alisher Navoiyga qasida" eserini diňläň.

OPPOQ QISH-EY, OPPOQ QISH

(Özbek dilinde)

Sözleri *Polat Möminiňki* Sazy *Anatoliý Warelas*yňky

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Dam olmoqda dalalar,
Keng vodiylar, daralar.
Fasl zavqi atrofga
Qo‘shiq bo‘lib taralar.

N a q a r o t :

Oppoq qish-ey, oppoq qish,
Eh qorlari yumshoq qish.
Chana, konki o‘ynatgan
Quvnoq qish-ey, quvnoq qish.

Tarnovlarda sumalak,
Ko‘llar oyna, yaxmalak.
Ayting, ayting, bo‘lmasin,
Hech kim yo‘lda charxpalak.

N a q a r o t :

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Fa mažor.

Re minor.



?! **Soraglar we ýumuşlar**

1. Kasyda, kantata, oratoriýa žanrlary barada aýdyp beriň.
2. “Oppoq qish-ey, oppoq qish” aýdymynyň awtorlary kimler?
3. Berlen ýumuşlardaky ölçeg anyklaň.

BERKITMEK ÜÇIN ÝUMUŞLAR
II ÇÄRÝEK

1. Horda näçe hili ses bar?

a) 3 hili;
b) 6 hili;
d) 4 hili;
e) 5 hili;

2.“Hor” diýende nämäni düşünýärsiňiz?

a) sazandalardan düzülen topar;
b) aýdym aýdýanlar topary;
d) sazandalar we tansçylardan düzülen topar;
e) aýdymçylar topary.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

3.“Soprano” we “alt” sesleri kimlere mahsus?

a) erkeklere;
b) aýallara we erkeklere;
d) aýal-gyzlara ýa-da çagalara;
e) garyşyk horlara.

4. XX asyryň näçenji ýyllarynda Mutal Burhanowyň goşulyşmaýan horlary nusga derejesinde abraý gazanypdyr?

a) 50-nji ýyllarda;
b) 60-njy ýyllarda;
d) 40-njy ýyllarda;
e) 30-njy ýyllarda.

5. Aşakdaky rebusy sesiň atlaryny goýup okaň.



6. Aşakdaky maşkda “x” -iň ýerindäki ses uzynlygyny anyklaň.



7. Ritmini anyklaň.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

III ÇÄRÝEK

SAHNA SAZ ESERLERI – BALET WE TANS SUNGATY, SAZLY DRAMA WE KOMEDIÝA, ÇAGALAR ÜÇIN SAZLY ERTEKI-TOMAŞALAR

1-nji ders. SAHNA SAZ ESERLERI

Sahna saz eserlerine – Opera, Balet, Sazly drama we komediýa, Operetta, Çagalar üçin döredilen sazly ertekiler, sazly tomaşalar girýär. Watanymyzyň her bir perzendi ýokarda atlary sanap geçilen žanrlarda ýazylan saýlama eserleri bilmegi, diňläp, tomaşa edip, olary bir-birinden tapawutlandyrmagy bilmelidirler. Şeýle žanrlarda döredilen eserleri sahnalaşdyrmak üçin bütin dünýäde bolşy ýaly biziň Respublikamyzda hem mahsus teatr-tomaşa jaýlary bar. Mesele-lem, Alyşir Nowaýy adyndaky Uly Akademik opera we balet teatry, Mukymy adyndaky Respublikan döwlet sazly teatry, Operetta teatry, Özbek we rus ýaş tomaşaçylar teatrlary, Respublikan gurjak teatrlary, welaýatlarymyzdaky we şäherlerimizdäki Döwlet teatrlary.

Alyşir Nowaýy adyndaky
Uly Akademik opera we balet teatry

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Mukymy adyndaky Respublikan döwlet sazly teatry

Alyşir Nowaýy adyndaky Uly Akademik opera we balet teatry

Mukymy adyndaky Respublikan döwlet sazly teatry

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Synp fonotekasyndan P.Çaýkowskiýniň “Oqqush ko‘li” baletinden parçalar diňläň.

SERHETÇINIŇ AÝDYMY

Sazy Gurbanguly Nuryýewiňki Sözleri Nurmyrat Gurbanmyradowyňky

4 – Saz, 5-nji synp.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Goraýan serhet,
Ýarag elimde.
Ýürekde Watan,
Waspy dilimde.

G a ý t a l a m a :
Aýdypdym kasam
Ak ýüregimden.
Janym bererin,
Geçmerin senden.

Hiňlenip assa,
Aýdýaryn aýdym.
Dünýäm parahat,
Asmanym aýdyň.

G a ý t a l a m a :

SAZDA ÖLÇEGLER

Islendik ýaňlanýan ýa-da nota düşürilen saz eseriniň öz ölçegi bar. Ölçegsiz saz bolmagy mümkin däl. Bu bolsa eseri diňleýjä makul bolmagyna uly kömek edýär. Ölçegleriň aýdylyşy we ýazylyşy aşakdaky ýalydyr:

Iki çärýek – 2/4
Üç çärýek – 3/4
Dört çärýek – 4/4
Altydan sekiz – 6/8 we başgalar.

Sazda ölçeg sifrleri eseriň başlanyşynda, açarlar we alterasiýa belgilerinden soň goýulýar.

?! **Soraglar we ýumuşlar**

1. Sahna saz eserlerine nähili tomoşalar girýär?
2. Respublikamyzdaky bar bolan teatrlary sanap bilersiňizmi? Haýsy teatrlara bardyňyz ýa-da baryp tomaşa etmek isleýärsiňiz?
3. Diňlenen sazly parçalaryňyz bir-birinden tapawutlanýarmy? Aýdyp beriň.
4. “Serhetçiniň aýdymy”nyň awtorlary kimler? Çala ses bilen aýdyp beriň.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

2-3–nji dersler. BALET SUNGATY. ÖZBEK BALETI

Balet – saz we tans hereketleri arkaly obrazlar, wakalar döretmek sungatydyr. Balet eserini dramatik tema, tans, üm-yşarat, nepis hereketler, saz, sahna bezegleri we egin-eşikler düzýär.

Bütin dünýä meşhur bolan “Oqqush ko‘li”, “Qarsildoq” we “Uyqudagi go‘zal” baletlerini XIX asyrda ýaşan rus kompozitory Pýotr Iliç Çaýkowskiý döredipdir. Bu baletleri biziň halkymyz hem gowy bilýär, söýüp tomaşa edýär. XX asyrda döredilen “Gayane”, “Spartak” (Aram Haçaturýan), “Bog‘chasaroy fontani” (B. Asafýew), “Romeo va Julyetta”, “Zolushka” (S. Prokofýew) baletlerini hem köpçülik bilýär.

Balet sungaty Özbegistanda hem ösen. XX asyryň 30-njy ýyllaryndan başlap «Paxta» (Roslawes), «Orzu» (I. Akbarow), «Sevgi tumori» (M. Aşrafy), «Tanavor» (A. Kozlowskiý) ýaly

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

baletler döredildi. 80-nji ýyllarda özbek kompozitory Ulugbek Musaýew tarapyndan döredilen «Hind dostoni» we «To‘maris», Awaz Mansurowyň 1 perdeli «Sharq afsonasi», Enwer Ergaşewiň «Humo» baletleri ile ýarady. 90-njy ýyllarda bolsa Mustafo Bafoýew «Ulug‘bek burji» we «Nodira» milli tans usulyndaky baletlerini döretdi.

Balet sungatyny ähli halklar birmeňzeş düşünýär we söýüp tomaşa edýär. Mundan soň hem ýokary nusgada özbek baletleri döredilip, bütin dünýä tanaldy.

Synp wideotekasyndan Ulugbek Musaýewiň «To‘maris» baletinden parçalar tomaşa ediň ýa-da fonotekadan Awaz Mansurowyň «Sharq afsonasi» baletinden saz diňläň.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

SUMALAK
(Özbek dilinde)

Sözleri *Tohtamurat Bahramowyňky* Sazy *Şermat Ýarmatowyňky*

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Tomchilar billur rangda,
Qarang, qarang, qarang-a,
Ko‘z yoshin qilmas kanda,
Attang, attang, attang-a.

Qishni kuzatsa kerak
Sumalak,
Bahordan berib darak...
Chak-chak, chak-chak,
chak-chak-chak.

DIRIŽÝORLYK SUNGATY

D i r i ž ý o r – saz eserini ýerine ýetiriji toparlara ýolbaşçylyk edýän senetkärdir. Ol saz ugrunda çuňňur bilime eýe bolmalydyr. Dirižýor saz eserini köpçülikleýin ýerine ýetirilmegine çenli ýerine ýetiriji topar bilen bolan hemme taýýarlygy alyp barýar. Esasy ýerine ýetirilen wagtynda eseriň oýnalyş tizliginiň dinamiki öwüşginleri we ýerine ýetirijileri togtamak ýa-da ýerine ýetirmeli wagtlaryny görkezip durýar, topary birleşdirýär, ruhlandyrýar we eseri çeper ýerine ýetirilmegi üçin hereket edýär. Dirižýorlyk sungat we kär hökmünde XIX asyryň ahyry we XX asyryň başlarynda şekillenipdir. Dirižýorlar iki ugurda işleýär. Orkestr dirižýory we hor toparynyň dirižýory. Özbek dirižýorlaryndan M.Aşrafyny, D.Abdurahmanowany, Z.Haknazarowy, E.Azimowy, F.Abdurahimowany hem-de hor toparlarynyň dirižýorlaryna W. Umidjanowy, Ş. Ýormatowy, J. Şukurowlary mysal getirmek mümkin. Watanymyzyň saz medeniýetiniň ösmeginde dirižýorlyk sungatynyň barha ilerlemegi uly ähmiýete eýedir.

?! **Soraglar we ýumuşlar**

1. Balet näme?
2. Nähili özbek baletlerini bilýärsiňiz?
3. “To‘maris” baletiniň awtory kim?
4. Pýotr Çaýkowskiý döreden we ýene başga meşhur baletleriň atlaryny bilýärsiňizmi?
5. “Oqqush ko‘li”ni diňläniňizde size ýakan heňi çala aýdyp beriň.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

4-5-nji dersler. ÖZBEK TANS SUNGATY. ÖZBEK TANS MEKDEPLERI

Her bir halkyň gadymdan şekillenip gelýän öz tans sungaty we şu tanslary aňladýan sazlary bolýar. Özbek halk tanslary hem giň ýaýran bolup, nepis hereketler we olara laýyk milli geýimler bilen çeper obrazlar döredilýär.

«Dilxiroj», «Qari navo», «Zang», «Duchava» ýaly tans sazlary ýaňlananda göz öňümize anyk tans hereketleri gelýär. Soňky döwürde (XX asyryň 2-nji ýarymyndan başlap) Muhammetjan Mirzaýew, Bahtiýar Aliýew, Mustafo Bafoýew we başga kompozitorlaryň täze saz-heňleri esasynda özbek tans sungaty ösdi. Muňa Mukarrama Turgunbaýewa, Isohor Okilow, Kunduz Mirkarimowa, Ýulduz Ismatowa ýalylaryň sahnalaşdyran tanslary Özbegistanyň tans sungatynyň altyn fonduna girizilen.

Synp fonotekasyndan M. Mirzaýewiň «Bahor valsi» eserini we başga tans sazlaryny diňläň.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

BARKAMOL AVLOD

(Özbek dilinde)

Sözleri *Ykbal Mürzäniňki* Sazy *Iroda Ýoldaşewanyňky*

Şadyýan

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

To‘lib oqsin daryolar,
Tinmasin sho‘x navolar,
Ko‘rib jamolimizni,
Qoyil qolsin dunyolar.

Dilni dilga bog‘laymiz,
Yurt qadrini saqlaymiz,
Bobomizning ishonchin,
Biz, albatta, oqlaymiz.
O-o-o!

N a q a r o t :

Mukarrama Turgunbaýewanyň ömri we döredijiligi

Özbegistanyň halk artisti, Özbegistanyň görnükli tansçy aýaly, baletmeýster, köp-çülikleýin özbek sahna tansy we “Bahor” tans ansamblynyň düýbüni tutujysy Mukarrama Turgunbaýewa 1913-nji ýylyň 31-nji maýynda Ferganada doglan. 1929–1933-nji ýyllarda M. Turgunbaýewa sazly teatr-studiýasynda milli tans boýunça görnükli halypa Ussa Alym Kamilow, ökde tansçy we artist Ýusufjan kyzyk(wäşi) Şakarjanowdan özbek, Ýewropa klassyky tansy, sahna-halk we estrada tans sungaty boýunça Tamarahanym ýaly halypalardan sapak alypdyr.

Horeografiýa okuw mekdebinde okap ýören döwürlerinden başlap Mukarrama Turgunbaýewa Tamara Ýunusowa üçin “Bahor” tansyny sahnalaşdyrýar, ol bolsa “Bahor”y Moskwa, Warşawa, Hindistan, Hytaý we başga köp döwletleriň sahnalarynda üstünlikli ýerine ýetirýär. Mukarrama Turgunbaýewa ýerine ýetiriji-

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

lik we baletmeýsterlik işinden daşary 1947-nji ýyldan özbek horeografiýa okuw mekdebinde pedagoglik işini hem alyp barypdyr. Onuň şägirtleriniň arasynda görnükli özbek tansy aýallary Halima Kamilowa, Kunduz Mirkarimowa, Flora Kaýdani, Tamara Ýunusowa, Rano Kurbanowa, Bernara Kariýewa, Sewilýa Haýbullaýewa we başgalar bolupdyr. 1957-nji ýylda Mukarrama Turgunbaýewa "Bahor" milli tans ansamblyny döredip, şu topar üçin 15 sany konsert maksatnamasyny döredýär we olary sahnalaşdyrýar. Mukarrama Turgunbaýewa özbek horeografiýasynyň altyn fonduna girizilen "Tanovar", "Katta o'yin", "Jonon", "Pilla", "Paxta" ýaly özbek milli tanslarynyň esaslandyryjysy we ýerine ýetirijisi hasaplanýar.

1960-njy ýylda "Bahor" Özbegistan Döwlet milli tans ansamblyna öwrülýär. Mukarrama Turgunbaýewa 1978-nji ýylyň 26-njy noýabrynda Daşkent şäherinde aradan çykypdyr.

ÖZBEK TANS MEKDEPLERI

Özbegistanda tans sungatynyň şekillenmegini esaslandyran tans ussalary we halypalaty hökmünde Ýusufjan waşi Şakarjanow, Ussa Alym Kamilow, Tamarahanym, Mukarrama Turgunbaýewa, Isahor Okilow, Galiýa Izmaýlowa, Ýelizaweta Petrosowa, Kunduz Mirkarimowa, Roziýa Karimowalar ykrar edilen.

Häzirki günde Özbegistanyň çäginde 5 sany tans mekdebi bar. Bular:

Fergana–Daşkent mekdebi; Buhara mekdebi; Horezm mekdebi; Surhanderýa–Kaşgaderýa mekdebi; Garagalpak mekdebi.

FERGANA–DAŞKENT TANS MEKDEBI

Fergana tanslary gadymdan "Katta o'yin" we "Kichik o'yin" görnüşlerine bölünipdir. "Katta o'yin" 280 den artyk dep usullaryna laýyk hereketlerden ybaray bolup, esasan uly meýdanlarda ýerine ýetirilipdir. "Kichik o'yin" bolsa öýlerde ýerine ýetirilipdir. Onda milli saz gurallary goşulyşmagynda aýdym (ýalla we lapar)lara tans edilipdir.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Fergana – Daşkent tans stilinde “Tanovar”lar möhüm orun tutýar. Tanowaryň halk aýdymy ýolundaky “Qorasoch”, “Sumbula” (halk sözleri), “Endi sendek” (Mukymynyň goşgusy) wariantlary dutar goşulyşmagynda ýerine ýetirilipdir. Tanowar ilkinji gezek Mukarrama Turgunbaýewa tarapyndan XX asyryň 40-njy ýyllarynda sahnalaşdyrylypdyr. Halypa senetkär 1957-nji ýylda “Bahor” tans maksatnamasyny düzüp, onda “Bahor” walsy, “Bayot”, “Pilla”, “Rohat”, “Paxta”, “Tanovar”, “Katta o‘yin”, “Munojot”, “Namanganning olmasi” we başga ýüzlerçe tanslary sahnalaşdyrýarlar. Bu tanslar ençeme daşary ýurtlarda görkezilip, alkyşlara sezewar bolupdyr.

?! **Soraglar we ýumuşlar**

1. Özbek tans sungaty barada nämeleri bilýärsiňiz?
2. “Bahor valsi” tansynyň sazynyň awtory kim?
3. “Barkamol avlod(Kämil nesil)” aýdymynyň awtorlary kim? Aýdymyň sözlerini ýat tutuň.
4. Mukarrama Turgunbaýewanyň ömri we döredijiligi barada nämeleri bildiňiz?
5. Fergana tans mekdebiniň esaslandyryjysy kim?
6. Fergana tans mekdebiniň iň meşhur tanslary haýsylar?

6-njy ders. HOREZM TANS MEKDEBI

Özbek halk tans stili Horezm oazisinde gadym zamanlardan şekillenipdir we asyrlaryň dowamynda ösüp gelipdir.

Horezm sahna tans mekdebiniň esaslandyryjysy, Özbegistanyň halk artisti Gawhar Rahimowa 1968-nji ýylda Horezmde “Lazgi” tans ansamblyny düzüp, köp ýyllar şu ansambla ýolbaşçylyk etdi. Ansamblyň maksatnamasynda Ussa Alym Kamilow bilen sahnalaşdyrylan “Ufori sohta”,

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

“O‘zbekiston qizlari”, “Jayhun misoli”, “Lazgi”, “Ko‘zim qarog‘im”, “Lazgi salomi” ýaly Horezm tanslary orun alypdyr. Soňluk bilen ol Horezm mukamlaryna hem “Yurak uyg‘ondi”, “Xiva qizlarining lazgisi”, “Oltin zangi”, “Baxtiyor onlar” ýaly tanslary sahnalaşdyrýar.

BUHARA TANS MEKDEBI

Buhara tans mekdebinde el, aýak, ýüz we beden hereketleri Fergana we Horezm mekdepleri ýaly özboluşly bolan aýdymsazlaryň heňleridir usullaryndan ugur alyp şekillenipdir. Aýak batlanyşynyň bady, el hereketleriniň ýitiligi, syrat we garaýyşlardaky mertebelilik, içginlik, egin kakmalary bilen tomaşaça lezzet bagyşlaýar. Aýal-gyzlar üçin oňaýly “Buxorcha”, dep goşulyşmagyndaky erkekleriň “Mavrigi”si, şonuň ýaly-da, “Qayroqi ifori”, “Larzon”, “Zang” ýaly tans nusgalaryny hemmeler gowy bilýär, bir-birinden arkaýyn tapawutlandyry bilýärler.

Buhara tans mekdebiniň esaslandyryjylary Isahor Okilow we Margarita Okilowalardyr.

7-nji ders. GARAGALPAK TANS MEKDEBI

Özbegistanyň medeniýeti-niň bir ganaty hökmünde asyrlaryň dowamynda ösüp gelýän Garagalpagystanyň medeniýetini görmek mümkin. Onuň medeni mirasynyň baýlygyny, gymmatlyklarynyň ozaldan gelýänligi halk döredijiliginde, hususan-da, tans sungatynda aýdyň duýmak mümkin. Garagalpak halky, esasan baýram günlerinde özi ýaşaýan gyr-baýyrlaryň eteginde, awullaryň

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

gözel künjeklerinde tans etmegi halaýarlar. Tanslar arkaly guwanjyny, durmuşdan lezzetlenişini, arzuw-höwesleriniň amala aşyşyny beden egin, kelle we aýak hereketlerinde tomaşa edýänlere düşnükli ýagdaýda aňladypdyrlar.

XX asyrda Garagalpak halk tansy käp derejesinde ýokarlanyp, sahnalarda görkezilip başlanypdyr. “Ayqulash” (Aýdyň gije), “Shag‘ala” (Çaýka guşy), “Shopanlar” (Çopanlar), “Aral jigitleri” (Aral ýigitleri), “Suo‘g‘a barg‘an qiz” (Suwa baran gyz) ýaly tans sahna görnüşleri bilen Garagalpak halky özlügini dünýä halklaryna tanadan.

XX asyryň 1956–1970-nji ýyllarynda Garagalpagystanda ýaşap, döredijilikli zähmet çeken görnükli tansçy aýal we baletmeýster Ýelizawetta Petrosowa (“Lizaxonim” döredijilik lakamy bilen tanalan halypa) Garagalpak döwlet filarmoniýasynda tans ansambllarynyň düzülmeginde janaýamazlyk bilen işläpdir. Ol sahnalaşdyran “Qoraqalpoq to‘yi” tans sýuitasy, “Qiz uzatish”, “Baliqchilar”, “Oq oltin”, “Qirq qiz” ýalylar Garagalpak tans mekdebiniň şekillenendigini delillendirýär. Olar jahan sahnalarynda görkezilipdir we alkyşlara sezewar bolupdyr.

SURHANDERÝA–KAŞGADERÝA TANS MEKDEBI

Surhanderýa–Kaşgaderýa tans mekdebi özbek medeniýetiniň ösmeginde öz ornuna eýe bolup, halk döredijiliginiň ýokary nusgasy hökmünde aýratyn üns berelikdir. Surhan oazisi örän gadymy taryha eýeligi bilen adamzat siwilizasiýasynyň ösüşine-de öz täsirini ýetiripdir.

Surhanderýa–Kaşgaderýa tans mekdebiniň esasy ýönelişi el, aýak, beden hereketleriniň many-mazmuny tebigatyň özgerishleri, şu çäňiň klimaty, ýylyň pasyllarynyň özgerişleri bilen baglylykda ilatynyň durmuş ýörelgelerini, şertleridir zähmetini şöhlelendiripdir. Hususan-da, baharky zähmet möwsümi gelmezinden öň – “Navro‘z”, “Gul sayli”, “Shox moylash”, tomusky möwsümiň öňünden

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

– “Suv sayli”, “Choy momo”, “Shamol chaqirish”, güýzki hasyl ýygymyndan öň oldi – “Xirmon” toýy, “Uzum sayli”, “Qovun sayli”, gyşda bolsa – “Qorxat”, “Yasan-tusan”, “Gap-gashtak” ýaly görnüşler tanslar arkaly wasp edilýär. Folklor aýdym-sazlarynyň mazmuny bir-birine laýyk we ýörite hereketler, owadan milli lybaslar arkaly açyp berilýär.

Oazisiň ozaldan gelýän, maddy däl medeni mirasy halkara möçberinde köp ýyllardan bäri geçirlip gelinýän – “Boysun bahori” diýlip atlandyrylýan açyk folklor festiwaly arkaly bütin dünýä halklaryna wasp edilýär.

Synp fonotekasyndan Surhanderýa–Kaşgaderýa we Garagalpak tans sazlaryndan nusga diňläň.

SUMALAK

(Özbek dilinde)

Sözleri Anwar Obidjanyňky *Sazy Hurşida Hasanowanyňky*

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Naqarot:

2. Doshqozonda qaynaydi jo‘shib,
Sumalak ham aytmoqda qo‘shiq.
Sumalakdan yalar bolalar
Momolarning mehrini qo‘shib.

Quyoshli kun, oydin kechalar,
Gul shoxida bulbul kuy chalar.
O‘zbekona bunday bayramni
Orzu qilgan necha-nechalar.

TAMARAHANYM

Özbek professional tansynyň esaslandyryjylaryndan biri, Özbegistanyň halk artisti, sazanda, tansçy we baletmeýster Tamarahanym (Tamara Artýomowna Petrosýan) 1906-njy ýylda Fergana welaýatynda doglan.

Ýaşlygyndan sungata ggyzyklananlygy sebäpli ilki Margilan, Fergana aýallarynyň arasynda tans edip, aýdym aýdypdyr hem-de Ýusufjan wäşi Şakarjanow, Ussa Alym Kamilowlardan özbek tans hereketlerini, Hamzadan aýdymçylyk, aktýorlyk ussatlygyny öwrendi.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

1923–1924-nji ýyllarda Moskwa teatr tehnikumynda okaýar. 1924-nji ýylda M. Karikubowyň ýolbaşçylygyndaky konsert truppasynda işläp, şu truppa bilen 1925-nji ýylda Parižde Özbek tans sungatyny görkezdi. Tamarahanym “Lolaxon”, “Qorasoch”, “Bilak-uzuk”, “Oyijon”, “Fabrikaning yo‘lida”, “Qizlar, shitobingiz nima”, “Gulyor” aýdymlary, “Dilxiroj”, “Qarinavo”; “Usmoniya” ýaly tanslaryny sahnalaşdyrypdyr. Tamarahanym Ikinji jahan urşy ýyllarynda konsert brigadalary bilen armiýa bölümlerinde hyzmat edipdir hem-de onuň ýerine ýetirmeginde 500-den artyk aýdym we tanslar 86 dilde ýaňlanypdyr. Tamarahanym Fransiýa, Norwegiýa, Germaniýa, Italiýa, Türkiýe, Eýran, Hindistan ýaly döwletlerde gastrol saparlarynda bolup, Özbek milli tans sungatyny wagyz edipdir.

2001-nji ýylda Özbegistan Respublikasynyň Birinji Prezidentiniň permanyna görä, “Buyuk xizmatlari uchun” ordeni bilen sylaglandy. Daşkent şäherinde onuň öý muzeýi işläp dur. Bu muzeýde dürli millet tanslaryna degişli lybaslary, şahsy zatlary, dürli ýyllardaky afişa we suratlary saklanýar. Bu menzil bu günki günde halkyň zyýaratgähine öwrüldi.

?! **Soraglar we ýumuşlar**

1. Garagalpak tansyny XX asyryň dowamynda sahna alyp çykyp, ony has-da ösdürmekde kimleriň hyzmatlary uly?
2. Surhanderýa tanslarynda hereketler we onuň butun bir bölümi näme diýlip atlandyrylýar?
3. Meşhur Garagalpak tanslarynyň atlaryny aýdyň.
4. Tamarahanymyň tans sungatyna goşan goşandy barada aýdyp beriň.

8-nji ders. SAZLY DRAMA WE KOMEDIÝA

Özbegistanda saz sungatynyň ähli žanrlary ýaly sazly drama we komediýa – sahna saz eserleri hem giň ýaýran. XX asyryň 30-njy ýyllaryndan başlap Ýewropa operalaryna ökünme hökmünde bu žanrlar ösendir.

S a z l y d r a m a – saz guraly we wokal saz esasy orny eýeleýän dramatik sahna eseridir. Tohtasyn Jalilowyň «Tohir va

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Zuhra», «Nurxon» eseri, Tolibjan Sadykow we R. Glierleriň «Layli va Majnun», soňluk bilen Ýunus Rajabynyň, Saýfi Jelil, Mustafo Bafoýew, Farhod Alimow ýaly kompozitorlar döreden eserler sazly drama žanrynyň aýdyň nusgalaryna öwrüldi.

Sazly komediýanyň sazly dramadan tapawudy gaty az. Diňe olary dramatik temanyň ýönelişine garap tapawutlandyrmak mümkin: möhüm temadakysy sazly drama bolsa, satiriki temadakysy **s a z l y k o m e d i ý a dyr.**

Şonuň üçin komediýalaryň sazy hem ýeňil, aýdyň heňlerde bolýar. Azerbaýjan kompozitory Uzeir Hajybekowyň «Arshin mol-olon», Manas Lewiýewiň «Toshbolta oshiq» we «Oltin ko‘l», Ikram Akbarowyň «O‘jarlar» ýaly eserleri muňa mysal bolup biler.

Synp fonotekasyndan “To‘ylar muborak”, “Otmagay tong” we “Toshbolta oshiq” eserlerinden parçalar diňläň.

«IKI ÇÄRÝEK» (2/4) ÖLÇEGINDE DIRIŽÝORLYK

Bu ölçegde dirižýorlyk etmek üçin gelşikli syrat bilen dik durup, iki e1 egniň beýikliginde öňe galdyrylýar, barmaklar boş goýulýar. Dem alyp, iki e1 bir tekiz aşakdaky çyzylyp goýlan ugur boýunça hereketlenip başlaýar:

Çep el

Sag el

«Bir» diýende eller aşak düşüp, gapdala gidýär; «iki» diýende bolsa ýokary galdyrylýar we bu hereket birsydyrgyn saz gutarýança gaýtalanyberýär.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

?! **Soraglar we ýumuşlar**

1. T. Jalilow we onuň «Tohir va Zuhra» sazly dramasy barada aýdyp beriň.
2. Sazly komediýany häsiýetlendirip beriň.
3. “Sumalak” aýdymyny labyzly aýdyň.
4. Takt çyzyklaryny goýuň.

9-njy ders. UZEIR HAJYBEKOWYŇ «ARSHIN MOL-OLON» SAZLY KOMEDIÝASYNYŇ DÜNÝÄ HALKLARY SUNGATYNDAKY ORNY WE ÄHMIÝETI

Uzeir Hajybekow 1885–1948-nji ýyllarda ýaşap, döredijilik eden beýik azerbaýjan kompozitorydyr. Onuň ady illere ýaýran, saz eserleri hemmelere tanyş bolup galypdyr. Muňa esasy sebäp, öz halkynyň saz mirasyny kämil bilmek bilen birlikde dünýä medeniýetini hem çuňňur öwrenenidir. Diňe şeýle bilimlere eýe döredijiler adamlara ýakýan eserleri döretmegi mümkin. «Arshin mol-olon» sazly komediýasy dünýä halklary sungatynyň dürdäne eserine öwrülendigi ýöne ýerden däl, elbetde. Bu eser özbek halkynyň hem söýgüli eserlerinden biri, ähli teatrlarymyzda sahnalaşdyrylan. Ençeme kompozitorlarymyz höwes bilen ondan ülňi alypdyrlar. 1945-nji ýylda “Arshin mol-olon” kinofilmi surata alnypdyr.

Synp fonotekasyndan “Arshin mol-olon” aýdym-sazlaryndan diňläp, lezzet alyň.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

«ÜÇ ÇÄRÝEK» (3/4) ÖLÇEGINDE DIRIŽÝORLYK

Owadan syrat bilen dirižýorlyk halatyny eýeläp, iki el bir-birine ters 3 ýönelişde aşakda çyzylyp goýluşy ýaly hereketlenip başlaýar:

Çep el



Sag el



VARRAK

(Özbek dilinde)

Sözleri *U.Abduazimowanyňky* Sazy *I.Ýoldaşewanyňky*

Howlukman



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Havodagi hulkarsan,
Ko‘kda shod-u xurramsan,
Samoda qushdek uchib,
Yangi kunning ramzisan!

N a q a r o t :

Nurga to‘lsin tevarak,
Navro‘zdan keldi darak.
Baland uchiring varrak,
G‘ir-g‘ir-g‘ir-g‘ir, varrak!

Varrak uchar osmonda,
Uchgan kabi osmonda.
Parvo qilmas hech qachon,
Bo‘ynidagi tasmaga.

?! Soraglar we ýumuşlar

1. U. Hajibekow haýsy ýyllarda ýaşap döredijilik edipdir?
2. U. Hajibekow we onuň “Arshin mol-olon” sazly komediýasynyň orne we ähmiýeti barada aýdyň.
3. 3/4 ölçegide takt çyzygyny goýuň.

4. “Uch chorak”de dirižýorlyk etmek üçin nämelere üns bermeli?
5. “Varrak” aýdymynyň awtorlary kimler?

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

10-njy ders. RESPUBLIKANYŇ TEATRLARYNDA ÇAGALAR ÜÇIN DÖREDILEN SAZLY ERTEKI-TOMAŞALAR

Özbegistanyň kompozitorlary respublikamyzdaky bar bolan ähli teatr toparlary we dramaturglary bilen hyzmatdaşlykda her ýyl çagalar üçin onlarça sazly erteki-tomaşalary döredýärler.

Respublikanyň teatrlarynda çagalar üçin görkezilýän iň gowy sazly erteki-tomaşalaryň atlaryny we olaryň awtorlaryny ýatda saklaň:

Mukymy adyndaky Respublikan döwlet sazly teatrynda:

Tolkun Taşmatow	–	“Ur, to‘qmoq!”
		“Muzaffar – quyosh farzandi”.
Nadim Narhojaýew	–	“Tuyaqush – boyaqish”.
Awaz Mansurow	–	“Kachal polvon va Garmsel”,
		“Ne bo‘ldi menga?”
		“Oloviddinning sehrli chirog‘i”.
Mustafo Bafoýew	–	“Yettinchi jin”.

Respublikan ýaş tomaşaçylar teatrynda:

Anwar Ergaşew	–	“Balli, uloqcha!”
		“Sehrli kitob”.
Awaz Mansurow	–	“Qo‘ng‘iroqli yolg‘onchi”.
Nadim Narhojaýew	–	“Jo‘jalarim”.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Respublikan gurjak teatrynda:

Abdusaid Nabiýew	–	“Fotimaning sarguzashtlari”.
Awaz Mansurow	–	“Xo‘ja Nasriddinning 41 pashshasi”, “Ur, to‘qmoq!”, “Uchar kavush”, “Sho‘x shaytonchalar”.
Anwar Ergaşew	–	“Sehrli harflar oroli”.
Alyşir Ikramow	–	“Oloviddin va sehrli chiroq”, “Oltin kalitcha”.

Synp fonotekasyndan Awaz Mansurowyň “Uchar kavush” spektaklyndan aýdym-saz diňläň.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

“DÖRT ÇÄRÝEK” (4/4) ÖLÇEGINDE DIRIŽÝORLYK

“Dört çärýek” (4/4) ölçeginde el 4 ýönelişde hereketlenýär:

Çep el



Sag el



“bir” diýende eller aşak düşürilýär;
“iki” diýende olar bir-birine tarap ugrukdyrylýar;
“üç” diýende sag el saga, çep el çepe ugrukdyrylýar;
“dört” diýende bolsa ellar ýokary galdyrylýar.

Dirižýorlyk hereketleri birsydyrgyn saz gutaryança dowam etdirilýär.

Haýsy ölçegde dirižýorlyk edilmegine seretmezden saz gutaranda edil asylyp duran ýüpi üzen ýaly birsellem gymyldaman durulýar.

?! Soraglar we ýumuşlar

1. Respublikamyzyň teatrlarynda çagalar üçin döredilen sazly erteki-tomaşalar barada aýdyp beriň.
2. Kompozitorlaryň sanap geçilen eserleriniň atlaryny aýdyp beriň.
3. “Fotimaning sarguzashtlari”, “Uchar kavush” erteki-tomaşalary eserinden aýdymlaryny we heňlerini ýuwaş ses bilen aýdyp beriň.
4. Özüňize şärik saýlap “Varrak” aýdymyny aýdyp beriň.
5. Takt çyzygyny goýuň.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

BERKITMEK ÜÇIN ÝUMUŞLAR

III çärýek

1. Birinji özbek baletiniň adyny tapyň.

a) “Paxta”;
b) “Bo‘ron”;
d) “Maysaraning ishi”;
e) “Tohir va Zuhra”.

2. Balet sungaty Özbegistanda haçan ösüpdir?

a) XX asyryň 30 -njy ýyllarynda;
b) XX asyryň 40 -njy ýyllarynda;
d) XX asyryň 50 -nji ýyllarynda;
e) XX asyryň 60 -njy ýyllarynda.

3. Haýsy tans Fergana–Daşkent mekdebine degişli?

a) “Tanovar”;
b) “Lazgi”;
d) “Mavrigi”;
e) “Larzon”.

4. Sazly erteki-tomaşany tapyň.

a) “Oloviddinning sehrli chirog‘i”;
b) “Qarsildoq”;
d) “Hayvonlar sultoni”;
e) “Uyqudagi gozal”.

5. Ölçegini tapyň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

IV ÇÄRÝEK

OPERA SUNGATY WE ÖZBEK SAZYNDA OPERA ŽANRY

1-nji ders. OPERA SUNGATY

Opera – saz sungatynyň iň iri žanry hasaplanýar. Ol kompozitoryň talabyna jogap berýän l i b r e t t o, ýagny goşgy-dramatik pýesa esasynda döredilýär. Opera hem teatr tomaşasydyr, ähli sahna bezegleri, egin-eşikler, tans hereketleri we başgalar eseriň temasyny, bolup geçýän wakanyň döwrüni açyp görkezmäge hyzmat edýär. Operada wakalar, geplenilýän sözlerdir aýdylýan aýdymlar, hereketler saza esaslanan bolýar.

Opera XVI asyryň ahyrlarynda Italiýada peýda bolupdyr. Ol temasyna we saz diline garap, esasan, 2 görnüşe, ýagny möhüm operalar we satiriki operalara bölünýär.

Italiýan kompozitory Juzeppe Werdi, awstriýaly kompozitor Wolfgang Amadeý Mosart opera döretmegiň iň gowy nusgalaryny ýazyp gidenlerinden soň, bu žanryň ösüşi XIX asyrda Russiýada rowaçlandy. Muny bütin dünýä halklary ykrar edýär. kompozitor Mihail Glinka (1804–1857-nji ýyllarda ýaşap, döredijilik eden) «Ivan Susanin», «Ruslan va Lyudmila» operalaryny döredip, rus opera sungatyny esaslandyrdy.

Synp fonotekasyndan M. Glinkanyň “Ruslan va Lyudmila” operasyndan uwertýura we parça diňläň.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

NOTA SÜÝNMELERINI TAKTLARA BÖLMEK

Nota geçirilen sazyň anyk ölçegi bolsa, ol, hökman, taktlara bölünýär. Haýsy-da bolsa bir saz notalaryny taktlara bölmek üçin sazyň güýçli we güýçsüz ülüşlerini duýmak gerek. Beýle ýumuşlary ýörite sazçylyk mekdeplerinde okaýan çagalar ýerine ýetirýärler. Ýöne, adaty çärýekler bilen ýazylan sazy dürli ölçeglere bölüp, takt çyzyklary goýup çyksa bolýar.

Meselem:



ZAVQING SOCH QALDIRG‘OCH

(Özbek dilinde)

Sözleri *Kambar Atanyňky* Sazy *N.Narhojaýewiňki*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

?! **Soraglar we ýumuşlar**

1. Opera sungaty haçan we nirede peýda bolupdyr?
2. Opera näme esasynda döredilýäri?
3. Operalar näçe görnüşe bölünýär?
4. Libretto diýende nämäni düşünýärsiňiz?

2-nji ders. DÜNÝÄ OPERA SUNGATYNDA J. WERDINIŇ DÖREDIJILIGINIŇ ORNY WE ÄHMIÝETI



Juzeppe Werdi 1813–1901-nji ýyllarda ýaşap, döredijilik eden italiýaly beýik kompozitordyr. Onuň «Aida», «Rigoletto», «Trawiata», «Otello» ýaly operalary şu žanrda döredilen 27 sany eseriniň içinde iň dürdäneleri hasaplanýar. Werdiniň operalary sahna goýlup, birinji ýerine ýetirilen gün Italiýada baýrama öwrülýärdi. Halk awtory alkyşlap, häzirje diňläp-tomaşa eden operalaryndan saz-aýdymlary ýat

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

tutup, köçelerde sesiniň ýetdiginden aýdyp, öýlerine gaýdýardylar.

Elbetde, beýle üstünlikleriň sebäbi, J. Werdi öz halkynyň sazheňlerini gowy bilişi we ýiti datly dörediji hökmünde diňleýjileriň isleglerini gowy duýýanlygydyr.

J. Werdiden soň bütin dünýä halklaryndan çykan kompozitorlar onuň derejesinde operalar döretmegi höwes edýärler, arzuw edýärler... Diýmek, dünýä opera sungatynda J. Werdiniň döredijiliginiň öz orny bar we ähmiýeti uly.

Synp fonotekasyndan J. Werdiniň «Aida» we «Rigoletto» operalaryndan parçalar diňläň.

Takt çyzygyny goýuň.

?! **Soraglar we ýumuşlar**

1. J. Werdi näçenji ýyllarda ýaşap döredijilik edipdir?
2. “Zavqing soch qaldirg‘och” aýdymyny kimler döredipdir?
3. J. Werdiniň nähili eserlerini bilýärsiňiz?
4. “Zavqing soch qaldirg‘och” aýdymynda nähili dinamiki belgiler ulanylan?
5. Aşakdaky maşklary ýerine ýetiriň.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

3-nji ders. W.MOTSART, J.BIZE, P.ÇAÝKOWSKIÝ, N.RIMSKIÝ-KORSAKOW ÝALY DÜNÝÄ YKRAR EDEN KOMPOZITORLARYŇ OPERALARY

Jorj Bize
(1838–1875)

Opera sungaty peýda bolandan bäri näçe-näçe kompozitorlar dünýä gelip, şu žanrda iş alyp barypdyrlar. Dürli dillerde ençeme operalar sahnalaşdyrylypdyr. Olardan käbirleri diňe bir gezek, başgalary köp gezek goýlupdyr. Ýöne, kemden-kem awtorlaryň operalary Juzeppe Werdiniň operalary ýaly asyrlardan asyrlara geçip gelýär...

Asyrlardan asyrlara geçip gelýän opera dürdäneleriniň awtorlarynyň atlary bu günki günde-de bütin dünýä tanaldy. Belki, siziň hem gulagyňyza degendir olaryň atlary: Wolfgang Amadeý Mosart, Jorj Bize, Pýotr Çaýkowskiý, Nikolaý Rimskiý-Korsakow. Eger atlary nätanyş bolsa, olaryň heňleri gulagyňyza guýlup ýetişýänçe sazyny diňläp görendigiňize ynanýarys, elbetde. Häzirlikçe atlaryny ýadyňyzda saklaň:

Wolfgang Amadeý
Mosart
(1756–1791)

Pýotr Çaýkowskiý
(1840–1893)

Nikolaý Rimskiý-
Korsakow
(1844–1908)

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

W. Mosart – “Jadyly naý”.
Jorj Bize – “Karmen”.
Pýotr Çaýkowskiý – “Toppon hanym” (“Пиковая дама”), “Ýewgeniý Onegin” (“Евгений Онегин”).
N. Rimskiý-Korsakow – “Garpamyk” (“Снегурочка”), “Sadko” (“Садко”), “Şa Soltan barada erteki”, “Altyn horazjyk”.

Synp fonotekasyndan W. Mosartyň “Sehrli fleyta” operasyndan “Qayerdan taralmoqda bu totli navo” aýdymyny, J. Bizeniň “Karmen” operasyna girişini diňläň.

MUKADDESLIK

Sözleri *H Allamyradowyňky* Sazy *G. Çaryýewiňki*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Bu ýagty jahanyň abatlygydyr,
Çagalaň gülküsi, guşlaryň sesi.
Bagtyň, bakylygyň bar zatlylygyň,
Çagalaň gülküsi, guşlaryň sesi.

Bakylyk binýady, dirilik suwy,
Ömürleň dowamy, hyjuwlaň towy,
Arzuwlar döreder gowudan-gowy,
Çagalaň gülküsi, guşlaryň sesi.

G a ý t a l a m a:
Çagalaň sesi – rahatlyk sesi,
Çagalaň sesi – abatlyk sesi.
Çagalaň sesi – dostlugyň sesi,
Çagalaň sesi – şatlygyň sesi,

G a ý t a l a m a:
Çar ýana nur saçýan sarsmaz tagtydyr,
Gözellik äleminiň sarsmaz tagtydyr.
Goraň siz, hemmeleň taýsyz bagtydyr,
Çagalaň gülküsi, guşlaryň sesi.

G a ý t a l a m a:

MÄHRIBAN EJE JAN

Sözleri *Tirkeş Sadykowyňky* Sazy *Aşyr Abdullaýewiňki*



Bu gün seniň baýramyň,
Gutlaýaryn eje jan!
Saňa elwan gülleri,
Sowgat edýän, eje jan!

Ýagty dünýä inderen,
Mähribanym eje jan!
Ak süýdüni emdiren,
Howandarym eje jan!

Mydam seniň öňüňde,
Bergili men, eje jan!
Ömrüň mydam meňzesin,
Ter güllere, eje jan!

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

“Möjegiň hiňlenmesi” niň 4/4 ölçeginde dirižýorlyk edip notalaryny ýerine ýetiriň we soň sözleri bilen aýdyň.

?! **Soraglar we ýumuşlar**

1. J. Bizeniň nähili operalaryny bildiňiz?
2. “Sehrli fleyta” we “Karmen” operalarynyň awtorlary kimler?
3. “Mähriban ejejan” aýdymynyň awtorlary kimler?

4-nji ders. ÖZBEK SAZYNDA OPERA ŽANRY

Özbek sazynyň taryhynda birinji opera 1939-njy ýylda döredilen, diýlip ençeme kitaplarda ýazylan. Muňa şol wagtda ýaş kompozitor bolan Muhtar Aşrafynyň halypasy S. N. Wasilenko bilen hyzmatdaşlykda ýazan «Bo‘ron» operasy mysal bolup bilýär.

Özbegistanda opera žanrynyň şekillenmeginde ilkinji basgançak bolan «Bo‘ron»dan soň ençeme özbekçe operalar dünýä geldi. Bular – R. Glier we T. Sadykowyň «Layli va Majnun», Muhtar Aşrafynyň «Dilorom», «Shoir xotirasi», Raşid Hamraýewiň «Zulmatdan ziyo», Sabyr Babaýewiň «Hamza», «Fidoyilar», Hamid Rahimowyň «Zafar», Ibrahim Hamraýewiň «Oyjamol», Ikram Akbarowyň «So‘g‘d elining qoploni», Mutal Burhanowyň «Alisher Navoiy», Saýfi Jaliliň «Zebunniso», M. Bafoýewiň «Umar Xayyom», «Al-Fergany», şonuň ýaly-da, Ulugbek Musaýew, Nurilla Zakirow, Rustam Abdullaýew, Habibulla Rahimow, Awaz Mansurow ýaly özbek kompozitorlarynyň ençeme operalarydyr.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Suleýman Ýudakowyň «Maysaraning ishi» operasy birinji özbek satiriki operasy bolup, bütin dünýä tanalandygyny aýratyn bellemeli.

Çagalar üçin ýazylan we sahnalaşdyrylan özbek operalary köp däl. Bular Sabyr Babaýewiň «Yoriltosh», Saýfi Jaliliň «Malikai ayyor» we Awaz Mansurowyň «Hayvonlar sultoni» operalarydyr.

Synp fonotekasyndan «Layli va Majnun» *operasryndan Leýli we Mejnun ariýasyny diňläň.*

Berlen maşk nusgasynda sesiň uzynlyklaryny anyklaň.

Tilkiniň hiňlenmesi

Ýuwaşjadan

Soraglar we ýumuşlar

1. Özbek sazy taryhynda birinji opera haçan we kim tarapyndan döredilen?
2. Özbek operalaryndan ýene haýsylaryny bilýärsiňiz, olaryň atlaryny sanap beriň.
3. Ölçegini anyklaň.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

5-nji ders. MUHTAR AŞRAFYNYŇ ÖZBEK SAZYNYŇ ÖSÜŞINDÄKI ORNY

Muhtar Aşrafy 1912–1975-nji ýyllarda ýaşap, döredijilik eden, özbek professional kompozitorlygynyň şekillenmeginde birinjilerden bolan saz sungatynyň beýik alymydyr. Ony halkymyz – kompozitor, dirižýor, halypa, uly ýolbaşçy hökmünde gowy tanaýar, çeken zähmetlerine görä hormat edipdir. Aradan çykandan soň onuň adynyň konserwatoriýa, okuw edarasyna, mekdeplere, köçelere dakylmagy ýöne ýerden däl, elbetde.

Muhtar Aşrafy kompozitor hökmünde ähli žanrlarda döredijilik edipdir. Onuň galamyna degişli 4 opera, 3 balet, 2 simfoniýa we başga ençeme kamer-saz guraly, kamer-wokal we onlarça aýdymlary sanap geçmek mümkin. Döredijiniň Daşkentde ýaşan öýi bu günki günde «Öý-muzeýine» öwrülen. Saz sungatynyň müşderileri bu «Öý-muzeý» bilen ýakyndan tanyşmak üçin ähli welaýatlardan gelip, zyýarat edýärler.

Synp fonotekasyndan M.Aşrafynyň "Dilorom" operasyndan parçalar diňläň.

QUVNOQ YOMG'IR

(Özbek dilinde)

*Sözleri Anwar Obidjan*yňky

Sazy *Awaz Mansurowyňky*

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

2. Tomingizni chirmandadek
Chertar gohi “tak-tak” qilib.
Sho‘x tomchilar o‘yin tushgay,
Ko‘lmaklarda “chak-chak” qilib.

3. Uni oddiy yomg‘ir demang,
Xonanda-yu sozandadir.
San’atni sevar hamma,
Shu bois ham arzandadir.

?! Soraglar we ýumuşlar

1. M. Aşrafy haçan ýaşap döredijilik edipdir?
2. M. Aşrafy näçe opera döredipdir? Siz haýsysy bilen tanyşdyňyz?
3. “Quvnoq yomg‘ir” aýdymynyň awtorleri kimler?

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

6-njy ders. SULEÝMAN ÝUDAKOWYŇ «MAYSARANING ISHI» OPERASY, ONUŇ DÖREDILIŞ TARYHY, ORNY WE ÄHMIÝET

Askiýa (şorta söz) sungatynyň ojagy bolan Kokant şäherinde doglup ösen Suleýman Ýudakow (1916–1990-njy ýyllarda ýaşap, döredijilik eden) şadyýan tebigatly, degişgen, wäşi ynsan bolupdyr. Gaty ünsli döredijiji hökmünde özbeklere satiriki opera we satiriki temadaky balet makul boljakdygyny köp ýyllaryň dowamynda synlapdyr we ol öz netijesini beripdir. Opera žanrynda «Maysaraning ishi»ni döredip, balet žanrynda «Nasriddinning sarguzashtlari»ni ýazyp galdyryp, uly iş edipdir. Bu baletiň premýerasy, ýagny birinji ýerine ýetirilişi kompozitor aradan çykandan soň, köp ýyllar geçip, 1997-nji ýylda görkezildi. Öz eserini sahnada görmek oňa nesip etmedi.

«Maysaraning ishi» operasynda köne zamanlarda kazylar, baýlar bilen garyplaryň arasynda bolup geçen bir waka suratlandyrylan.

Opera žanrynyň talaplaryna doly jogap berýän şeýle eseri häzirki günde-de halkymyz söýüp tomaşa edýär. Özbek saz sungatynyň ösmeginde bu eseriň orny we ähmiýeti uly.

«Maysaraning ishi» operasyny diňläp görensiňiz, edil halk döredijiligi nusgalary ýaly gulagyňyza ýakar.

Synp fonotekasyndan S.Ýudakowyň “Maysaraning ishi” operasyndan parçalar diňläň.

“Maysaraning ishi” operasyndaky wakalaryň ösüşini analiz ediň.

Soraglar we ýumuşlar

1. Suleýman Ýudakowyň döredijiligi we onuň “Maysaraning ishi” operasy barada nämeleri bildiňiz?
2. “Maysaraning ishi” operasynda nähili wakalar suratlandyrylan?
3. Suleýman Ýudakowyň ýene nähili eseri barada maglumat aldyňyz?

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

7-8-nji dersler. ÇAGALAR ÜÇIN OPERALAR

Görnükli jahan kompozitorlary hem opera žanrynda çagalar üçin ençeme eserleri döredipdirler. W.A.Mosartyň “Sehrli nay”, N.Rimskiý-Korsakowyň “Qorqiz”, “Sadko”, “Oltin xo‘rozcha”, K.Haçaturýanyň “Chippolinoning sarguzashtlari”, I.Morozowyň “Doktor Aybolit”, L. Waýnşteýniň “Etik kiygan mushukcha” ýaly görnükli çagalar operalaryny muňa mysal getirmek mümkin. Özbegistanyň kompozitorlary hem hut çagalar üçin birnäçe operalary döretdiler. Şol sanda, S.Babaýewiň “Yoriltosh”, S.Warelasyň “Aloviddinning sehrli chirog‘i”, Saýfi Jeliliň “Malikai ayyor”, A.Mansurowyň “Hayvonlar sultoni” ýaly operalaryny sanap geçmek mümkin.

Sobir Babaýewiň “Yoriltosh” operasy 1969-njy ýylda Samarkantdaky we 1970-nji ýylda Daşkentdäki opera we balet teatrlarynda sahnalaşdyryldy. Sergeý Warelasyň “Aloviddinning sehrli chirog‘i” atly rus dilindäki operasy bolsa 1968-nji ýylda döredilen bolup, 1971 we 2016-njy ýyllarda Alyşir Nowaýy adyndaky döwlet akademik uly teatrynda iki gezek sahnalaşdyrylyp görkezildi. Bu opera Moskwa, Samara, Duşenbe şäherlerinde-de ýaş tomaşaçylara giňden görkezildi.

XX asyryň 80-nji ýyllarynda kompozitorlarymyz Saýfi Jelil özüniň “Malikai ayyor” diýlip atlandyrylan operasyny döretdi we A.Nowaýy adyndaky DAKT-da sahnalaşdyrdy. Geçen asyryň 90-njy ýyllarynda kompozitor Awaz Mansurow hem “Hayvonlar sultoni” atly 2-nji operasyny ýazdy we ony 1997-nji ýylda Özbegistanyň döwlet konserwatoriýasynyň ýanyndaky Sazly teatr studiýasynyň topary bilen sahnalaşdyrdy. Bu operany köp mekdep okuwçylary höwes bilen tomaşa etdiler.

Eziz okuwçylar! Sazyň opera žanrynda döredilen eserleri tomaşa etmek üçin ähli ýaşdaky adamlaryň mälim bir taýýarlygy bolmalydyr. Çünki opera sazdaky çylşyrymly eserlere degişlidir. Ilki bilen, beýle tomaşalara başlanyşyndan 15–20 minut öňräk barmaly. Sebäbi, teatryň gapysyndfan gireniňizde eliňize bolýan operanyň ýa-da baletiň gysgaç mazmuny ýazylan kiçi maksatnama berýärler. Bu kiçi

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

maksatnamada eseriň awtorlary, sahnalaşdyryjylar we gatnaşyjylar barada hem maglumatlar bolýar. Tomaşa başlanýança siz maksatnama bilen tanyşsaňyz, bolýan wakalary öňünden bilip, esasan saz diňläp, lezzet bilen dynç alarsyňyz.

AWAZ MANSUROWYŇ «HAYVONLAR SULTONI» OPERASY

PROLOG

Tokaý. Ähli haýwanlar toplanyşyp durýan ýer. Şoh heňlerde hiňlenip geçip gidýän towşanjyklardan soň Ertekiçi baba peýda bolýar, ol tokaýyň tebigatyny wasp edýär. Şu tokaýda ýaşaýan jandarlary ýekän-ýekän tanyşdyrýar. Olar – Şir soltan, Möjek, Towşan, Aýy, Tilki – özleri barada aýdymlar aýdýarlar. Ertekiçi baba daňlar atyp, günler batyp munda her gün durmuş gaýnaýandygyny, hiç doýmaýanlar – açgözler diňe oljanyň yzynda gezýändiklerini aýdýar we bir gün bolup geçen wakany tomaşa etmäge teklip edýär...



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

WAKA

Iki aç möjegiň söweşi öwjüne galypdy. Tilki peýda bolup, möjekleriň dalaşýan öli keýigi alyp gaçmakçy bolýar. Möjekler duýup galyp tilkini kowup goýberýärler we söweşi dowam etdirýärler. Tilki öýkelän bolup haýwanlar soltany – Şir Soltany çagyryp gelýär. Şir Soltan iki möjegiň hem arzyny diňläp, olary aýyrýar. Dalaşanlar dargaşyp, Şir Soltan pena ýerde dynç almaga ýatýar.

Bökjekleşip towşanjyklar girip gelýärler. Mekir tilki ýene peýda bolýar. Towşanlardan biri «Men batyrdyryn! Men boksçy! Hatda Şir Soltany nakaut ederin!» diýip, öwünipdir. Tilki pursatdan peýdalanyp, haýwanlaryň soltanyna ökünýän towşany Şir Soltanyň ýanyna eltýär. Towşanyň batyrlygy puja çykýar. Şir Soltan özüniň ýeňilmezliginden, haýbatyndan hoşal bolýar...

Garaşylmanda tokaýda tos-topalaň başlanýar. Hemme haýwanlar özlerini ýitirip, olar Şir Soltany hem äsgermändirler, hökümdar haýran... Haýwanlar dargaşansoň, Şir Soltan pena bukulýar. Sesiniň ýetdiginden aýdym aýdyp, Adam girip gelýär. Şir Soltanyň üstüne tor taşlaýar. Haýwanlaryň kömeginde-de Şir tordan azat bolup bilmeýär. Ol ýeňilenini boýnuna alyp, «Näme şertiň bar!» diýip soraýar. Adam – dostluk, parahatçylyk we bagtyýr durmuşy teklip edýär. Hemmesi dostlugy wasp edip, tansa düşýärler, aýdym aýdýarlar:

«Dosluk bar bolsun!
Parahatçylyk bar bolsun!»

Eziz okuwçylar!
Indi bu eseri diňläp, tomaşa etmek bolýar...

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

QUYOSH BILAN SUHBAT

(Özbek dilinde)

Sözleri *Hurşid Kaýumowyňky* Sazy *Awaz Mansurowyňky*

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

2.“Ol, senga” deb, boshim uzra nurin sochdi,
Gullarim ham nur qo‘ynida ko‘zin ochdi.
Gulbog‘imni nurda ko‘rib quvnar ko‘zim,
Shuning uchun gullolaga o‘xshar yuzim.

Naqarot:

?! Soraglar we ýumuşlar

1. Çagalar üçin operalar barada okanlaryňyzy aýdyp beriň.
2. Özbek kompozitorlarynyň çagalar üçin döreden haýsy operalaryny bilýärsiňiz?
3. Jahan kompozitorlarynyň çagalar üçin döreden operalarynyň atlaryny aýdyň. “Qorqiz”, “Yoriltosh” operalarynyň awtorlaryny aýdyň.
4. Diňläp tomaşa eden – “Hayvonlar sultoni” operasyndaky obrazlary sanap beriň we ýadyňyzda galan heňi we aýdymlary çala ses bilen aýdyp beriň.

BERKITMEK ÜÇIN ÝUMUŞLAR

IV çärýek

1.Opera žanry haçan peýda bolupdyr?

a) XV asyryň ahyrynda Germaniýada;
b) XVI asyryň ahyrynda Italiýada;
d) XIV asyryň ahyrynda Fransiýada;
e) XV asyryň ahyrynda Russiýada.

2.Opera žanrynyň temasyna we diline garap näçe görnüşe bölünýär?

a) 3 görnüşe;
b) 4 görnüşe;
d) 2 görnüşe;
e) 5 görnüşe.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

3. Italiýaly beýik kompozitor J.Werdi näçenji ýyllarda ýaşap döredijilik edipdir?

a) 1813–1901-nji ýyllarda;
b) 1912–1975-nji ýyllarda;
d) 1916–1990-njy ýyllarda;
e) 1885–1948-nji ýyllarda.

4. Opera žanrynda döredijilik eden we dünýä ykrar eden kompozitorlary görkeziň.

a) W.Mosart, J. Bize, P.Çaýkowskiý, Ş.Ýormatow ýalylar;
b) W.Mosart, J. Bize, P.Çaýkowskiý, N.Rimskiý-Korsakow ýalylar;
d) W.Mosart,J. Bize, D. Omonullaýewa, P.Çaýkowskiý ýalylar;
e) W.Mosart, N. Narhojaýew, J. Bize, P.Çaýkowskiý ýalylar

5. Özbek sazynda birinji opera haçan döredilen?

a) 1930-njy ýylda;
b) 1939-njy ýylda;
d) 1935-nji ýylda;
e) 1971-nji ýylda.

6. Muhtar Aşrafy näçe opera döredipdir?

a) 6 sany;
b) 2 sany;
d) 4 sany;
e) 10 sany.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

MAZMUNY

Sözbaşy.....3

I ÇÄRÝEK

1-2-nji dersler. Orkestr. Orkestriň görnüşleri barada. Özbek halk saz gurallary orkestri we onuň üflenip çalynýan saz gurallary topary.....4
Özbegistan Respublikasynyň döwlet senasy.
Sözleri *A. Oripowyňky,* Sazy *M. Burhanowyňky*.....6
3-nji ders. Özbek halk saz gurallary orkestriniň kirişli-kaylyp çalynýan we mizrobly saz gurallary topary.....9
Aziz ustozlar. Sözleri *Tolkunyňky*, Sazy *S. Babaýewiňki*.....10
4-nji ders. Özbek halk saz gurallary orkestriniň kirişli-kemanly saz gurallary topary.....13
5-nji ders. Özbek halk saz gurallary orkestriniň kakylyp çalynýan saz gurallary topary.....15
Oltin kuz qo‘shig‘i. Sözleri *N. Narzullaýewiňki*, Sazy *A. Mansurowyňky*.....16
6-njy ders. Simfonik orkestr we onuň kirişli-kemanly saz gurallary topary.....19
7-8-nji dersler. Simfonik orkestriň üflenip çalynýan agaç we mis saz gurallary topary.....22
Bolalarning ko‘zlari. Sözleri *K. Atanyňky*, Sazy *M. Atajanowyňky*.....23
9-njy ders. Simfonik orkestriň kakylyp çalynýan saz gurallary topary.....26
Chumoli. Sözleri *R.Ishakowyňky*, Sazy *A. Rasulowyňky*.....27

II ÇÄRÝEK

1-2-nji dersler. Hor sungaty. Hor toparlarynyň gurluşy we görnüşleri.....30
Yomg‘ir yog‘aloq. Sözleri *F. Şaysmaýylyňky*, Sazy *B. Umidjanowyňky*.....31
3-4-nji dersler. Horda aýtmak üçin halk aýdymlaryny laýyklaşdyrmak.....34
Boychechak. *Ş. Ýormatow* çagalar hory üçin laýyklan.....35
5-nji ders. Sazda wokal-simfonik žanrlar.....39
O‘zbekistonim. Sözleri *F.Şaysmaýylyňky*, Sazy *Ş.Ramazonowyňky*.....39
6-7-nji dersler. Kasyda žanry. Kantanta we oratoriýalar.....42
Oppoq qish-ey, oppoq qish. Sözleri *P. Möminiňki*, Sazy *A. Warelasyňky*.....42

III ÇÄRÝEK

1-nji ders. Sahna saz eserleri.....47

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Serhetçiniň aýdymy. Sazy G. Nuryýewiňki, Sözleri N. Gurbanmyradowyňky...49
2-3-nji dersler. Balet sungaty. Özbek baleti 51
Sumalak. Sözleri *T. Bahromowyňky,* Sazy *Ş. Ýormatowyňky*.....53
4-5-nji dersler. Özbek tans sungaty. Özbek tans mekdepleri 55
Barkamol avlod. Sözleri *M.Mürzäniňki,* Sazy *I.Ýoldaşewanyňky*.....56
6-njy ders. Horezm tans mekdebi.....60
7-nji ders. Garagalpak tans mekdebi.....61
Sumalak. Sözleri *A. Obidjanyňky ,* Sazy *H. Hasanowa*nyňky.....63
8-nji ders. Sazli drama we komediýa 66
9-njy ders. Uzeir Hojibeko*wyň* "Arshin mol-olon" sazly
komediýasynyň dünýä halklarynyň sungatyndaky orny we ähmiýeti 68
Varrak. Sözleri *U.Abduazimowanyňky,* Sazy *I.Ýoldaşewanyňky*.....69
10-njy ders. Respublikan teatrlarda çagalar üçin döredilen sazly
erteki-tomaşalar.....71

IV ÇÄRÝEK

1-nji ders. Opera sungaty 75
Zavqing soch qaldirg'och. Sözleri *K. Atanyňky*, Sazy *N.Narhojaýewiňki* 76
2-nji ders. Jahan opera sungatynda J. Werdiniň döredijiliginiň
orny we ähmiýeti.....77
3-nji ders. W. Mosart, J. Bize, P. Çaýkowskiý, N. Rimskiý-Korsakow
ýaly dünýä ykrar eden kompozitorlaryň operalary.....79
Mukaddeslik. Sözleri *H.Allamyradowyňky*, Sazy *G. Çaryýewiňki*.....80
Mähribanym eje jan. Sözleri *T.Sadykowyňky*, Sazy *A. Abdullaýewiňki*.....81
4-nji ders. Özbek sazynda opera žanry.....82
5-nji ders. Muhtar Aşrafynyň özbek sazynyň ösüşindäki orny.....84
Quvnoq Yomg'ir. Sözleri *A. Obidjanyňky*, *Sazy A. Mansurowyňky.*.....84
6-njy ders. Suleýman Ýudakowyň "Maysaraning ishi" operasy,
onuň döredilişi taryhy, orny we ähmiýeti.....87
7-8-nji dersler. Çagalar üçin operalar 88
Awaz Mansurowyň "Hayvonlar sultoni" operasy.....89
Quyosh bilan suhbat. Sözleri *H. Kaýumowyňky*, Sazy *A.Mansurowyňky*.....91

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

A.MANSUROV, D.KARIMOVA

MUSIQA

(Turkman tilida)

5-sinf uchun darslik

Qayta ishlangan 6-nashri

Terjime eden *K. Hallyýew*
Redaktor *J. Metýakubow*
Saz redaktory *G. Ganiýewa*
Çeper redaktor *K. Nurmanow*
Tehniki redaktor *T. Haritonowa*
Korrektor *J. Metýakubow*
QR sifri maksatnamaçysy *Ö Şokarimow*
Kompýuterde sahaplaýjy *H. Şaripowa*

Neşirýat lisenziýasy AI № 290. 11.04.2016.
Çap etmäge 2020-nji ýylyň 07-nji iýulynda rugsat edildi.
Möçberi 70×100$^{1}/_{16}$. Kegli 18 şponly. Arial garniturasy.
Ofset çap ediliş usuly. Şertli çap listi 5,2. Neşir listi 5,6.
1208 nusgada çap edildi. Buýurma №

Gafur Gulam adyndaky neşirýat-çaphana döredijilik öýünde çap edildi.
100128. Daşkent. Labzak köçesi, 86.

www.gglit.uz **info@gglit.uz**

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE